**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– ÝURDUMYZYŇ ÄHLI SEBITLERINDE MEDENI-DURMUŞ MAKSATLY DÖWREBAP BINALAR, KUWWATLY SENAGAT KÄRHANALARY, TÄZE OBADYR ŞÄHERLER GURULDY.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
15-nji mart, 2024. Belgisi 11/1577




# GURLUŞYK SENAGATYNYŇ KUWWATLY DESGASY

*13-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Lebap welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Köýtendag etrabynda ýylda 1 million tonna sement öndürmäge ukyply Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň ulanmaga berilmegi mynasybetli dabara gatnaşdy.*

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçýän şu ýylyň ýaz paslynyň ilkinji günleri senagat düzüminiň nobatdaky wajyp desgasynyň – Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda ýylda 1 million tonna sement öndürmäge niýetlenen Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň gurlup ulanmaga berilmegine beslendi.

Sebitiň we ýurdumyzyň ähli ilaty üçin ähmiýetli bolan waka mynasybetli bu ýere Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Halk Maslahatynyň wekilleri, Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Lebap welaýatynyň ýolbaşçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem-de jemgyýetçilik wekilleri ýygnandylar.

Hemmeler uly ruhubelentlik bilen hormatly Prezidentimizi mübärekleýär. Sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren joşgunly çykyşlary dabaranyň şowhunyny has-da artdyrdy.

Döwlet Baştutanymyz açylyş dabarasy üçin ýörite taýýarlanan ýere – mejlisler jaýyna geçýär.

Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylaryň öňünde çykyş edip, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda ýerleşýän Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň açylýandygyny belledi.

Şu gün Türkmenabat şäherinde gurlan döwrebap ýaşaýyş jaýlary hem dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berler. Şeýle-de Lebap welaýatynyň ilatyna ýokary hilli hyzmat etjek täze, döwrebap ýolagçy awtobuslarynyň 200-e golaýy sowgat hökmünde gowşurylar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we hemmeleri bu şatlykly wakalar bilen tüýs ýürekden gutlady.

Sement gurluşyk üçin iň zerur önümleriň biri bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda gurlup ulanmaga berlen Bäherden, Balkan we Lebap sement zawodlarynda täze innowasion tehnologiýalar esasynda dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän ýokary hilli önümler öndürilýär. Häzirki wagtda «Türkmenistanda öndürildi» diýen ýazgyly sement önümleri diňe bir içerki bazarlarda däl, eýsem, dünýä bazarlarynda hem uly islege eýe bolýar.

Döwletimiziň gurluşyk senagatyny ösdürmäge gönükdirýän maýa goýum serişdelerini netijeli özleşdirmäge, kärhanalaryň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär.

Ýerli çig mal serişdelerinden peýdalanmak bilen, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, içerki hem-de daşarky bazarlarda uly islegden peýdalanýan önümleri öndürýän, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze senagat kärhanalary gurulýar diýip, hormatly Prezidentimiz dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilýän döwrebap zawodyň hem aýdylanlara aýdyň şaýatlyk edýändigini belledi.

### ÝOKARY HILLI SEMENT ÖNÜMLERINIŇ ÝYLDA 1 MILLION TONNASYNY ÖNDÜRER

Täze zawodyň gurluşygy Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Türkmen enjam» hojalyk jemgyýeti tarapyndan amala aşyryldy. Onda dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň kämil enjamlary ornaşdyryldy. Bu bolsa önümçiligiň ýokary derejede alnyp barylmagyna, uly islegden peýdalanýan önümleri öndürmäge mümkinçilik berer diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Kärhana 38 sany binadan we desgadan ybarat bolup, dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän, şol sanda sulfata (duza) durnukly ýokary hilli sement önümleriniň ýylda 1 million tonnasyny öndürmäge ukyplydyr. Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynda 250-ä golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli zerur önümçilik we durmuş şertleri döredilendir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz çykyşynda kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň yzygiderli ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda täze, häzirki zaman innowasion tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan, ýylda 1 million tonna ýokary hilli sement önümini öndürjek Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyryny hem işe girizmek göz öňünde tutulýar.

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň senagatçylarynyň geljekde-de ýurdumyzy ösen döwlete öwürmekde, alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen bökdençsiz üpjün etmekde tutanýerli zähmet çekjekdiklerine, döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga mynasyp goşant goşjakdyklaryna berk ynanýaryn diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

### IEC WE ISO STANDARTLARYNA LAÝYK GELÝÄR

Soňra «Thyssenkrupp Polysius GmbH» kompaniýasynyň enjamlary işe girizmek boýunça baş gözegçisi Mate Resetara söz berildi.

Ol möhüm waka – Köýtendag etrabyndaky Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň ulanmaga berilmegi mynasybetli ýygnananlary tüýs ýürekden gutlap, bu ýokary tehnologiýaly taslamanyň durmuşa geçirilmegine gatnaşmagyň özi we kärdeşleri üçin uly hormatdygyny belledi.

Türkmenistandaky hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde bu zawodyň ýurduň senagatynyň wajyp düzüm bölegine öwrülmegi üçin köp zähmet çekdik. Bu gün şol tagallalarymyzyň ajaýyp netijesini görüp, juda begenýärin diýip, Mate Resetar aýtdy.

Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň gurluşyk taslamasynyň çäklerinde «Thyssenkrupp» kompaniýasy tarapyndan getirilen enjamlar we ýerine ýetirilen inženerçilik işleri halkara ölçeglere, has takygy, Germaniýanyň senagat standartlaryna – DIN ülňülerine, sement senagatynyň standartlary hem IEC we ISO standartlaryna doly laýyk gelýär. Şunuň bilen baglylykda, «Thyssenkrupp Polysius GmbH» kompaniýasynyň wekili Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine degişli güwänamany gowşurdy.

Soňra dabara gatnaşyjylar uly ekranda türkmen topragynyň täsin we gözel künjekleriniň birinde ýerleşýän Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyry barada ýörite taýýarlanan wideofilme tomaşa etdiler.

### IRI SENAGAT DESGASYNYŇ IŞINE BADALGA BERILDI

Dabara tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanymyz mejlisler jaýyndan çykyp, ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz dolandyryş binasyna tarap ugrady. Ýol ugruna Arkadagly Gahryman Serdarymyza zawodyň degişli desgalary we olaryň aýratynlyklary barada gürrüň berildi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň gurluşyk-senagat toplumynyň kärhanalary tarapyndan öndürilýän dürli görnüşli önümleriň sergisi bilen hem tanyşdy.

Hormatly Prezidentimiz dolandyryş binasynyň ikinji gatyna bardy. Bu ýerde önümçiligi dolandyrmagyň merkezleşdirilen ulgamy ornaşdyrylypdyr. Onuň üsti bilen tehnologik işiň ähli tapgyrlary dolandyrylýar.

Pudagyň ösdürilmegine berýän yzygiderli ünsi üçin hormatly Prezidentimize hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärleriniň adyndan çuňňur hoşallyk bildiren zawodyň hünärmeni Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyryny işe girizmäge ak pata bermegini haýyş edip, döwlet Baştutanymyza ýüzlendi.

Garaşylan pursat ýetip gelýär: hormatly Prezidentimiz dolandyryş ulgamyndaky düwmäni basyp, iri senagat desgasynyň işine badalga berýär.

### ÝÖRITELEŞDIRILEN TEHNIKALAR GOWŞURYLDY

Wideoşekilli ýazgy arkaly çylşyrymly önümçiligiň işe girizilmeginiň tehnologik prosesi görkezilýär.

Soňra Döwlet Baştutanymyz sement zawodynyň direktoryna bu ýerdäki meýdançada hatara düzülen, täze önümçilikde işlediljek kuwwatly ýöriteleşdirilen tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň işe girizilmegi ýurdumyzyň gurluşyk-senagat toplumynyň ösdürilmegine saldamly goşant bolar hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başy başlanan we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýän giň möçberli özgertmeleriň çäklerinde Diýarymyzda ýaýbaňlandyrylan gurluşyklaryň depginini has-da artdyrmaga goşmaça itergi berer.

# ÝURDUMYZYŇ GÜNDOGAR SEBITI ÖSÜŞLERE BESLENÝÄR

*13-nji martda hormatly Prezidentimiziň saparyna gabatlanyp, Türkmenabat şäherinde döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň açylmagy, Lebap welaýatynyň ilatyna hyzmat etjek täze ýolagçy awtobuslarynyň sowgat berilmegi, Dänew etrabynda awtoulaglar we beýleki tehnikalar üçin niýetlenen çalgy ýaglaryny öndürýän kärhananyň işe başlamagy şanly wakalaryň ähmiýetini has-da artdyryp, ýatdan çykmajak taryhy pursatlara öwrüldi.*





### ÄHLI AMATLYKLARY BOLAN ÝAŞAÝYŞ JAÝLARY

Türkmenabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan köçesiniň ugrunda ýerleşýän, şäheriň ýaşaýjylaryna niýetlenen 2 sany 4 gatly her biri 18 öýli, 1-nji gaty dükanlardan ybarat ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny paýly gurluşyk esasynda «Nusaý ýollary» hususy kärhanasy ýokary hil derejesinde bina edipdir. Häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyklykda gurlan täze ýaşaýyş jaýlarynyň öýleri meýdany 102,99 inedördül metrden ybarat 2 otagdan we meýdany 124,8 inedördül metre barabar bolan 3 otagdan ybarat bolup, olar gurluşygynyň ýokary hil derejesi, otaglarynyň ýerleşişiniň amatlylygy, giňligi bilen tapawutlanýar.

Täze jaýlar myhmanlara, çagalara we dynç almaklyga niýetlenen otaglardan hem-de häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen aşhanadan ybaratdyr. Öýlerde milli däp-dessurlarymyzyň berjaý edilmegi üçin ähli amatly şertler döredilipdir.

### TÄZE ÝOLAGÇY AWTOBUSLARY SOWGAT BERILDI

Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde döwrebap jemgyýetçilik ulaglarynyň nobatdaky tapgyrynda «Toyota Coaster» kysymly orta synply awtobuslaryň ýene-de 200-e golaýy, «Toyota Hiace» kysymly kiçi awtobuslaryň hem 10-sy ilata hyzmat etmek üçin ulanmaga berildi. Täze ulaglar welaýatyň ýaşaýjylaryny we myhmanlaryny şäherýaka hem-de şäherara ugurlarda gatnadar. Awtobuslaryň hereketlendirijileri ekologiýa talaplaryna doly laýyk gelýär. Bu bolsa howa goýberilýän zyýanly zyňyndylaryň azaldylmagyna, şäherde arassa howanyň üpjün edilmegine mümkinçilik berýär. Awtobuslary dolandyryjylar üçin hem ähli amatly şertler göz öňünde tutulypdyr.

### ÇALGY ÝAGLARY ÖNDÜRILIP BAŞLANDY

Dänew etrabynyň Aşgabat geňeşliginiň «Abadan» obasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy «Asuda akym» hojalyk jemgyýetine degişli bolan, dünýäniň iň ösen döwletleriniň kämil innowasion enjamlary ornaşdyrylan, awtoulaglar we beýleki tehnikalar üçin niýetlenen «Şir ýag» hil nyşanly mineral we sintetik ýaglary öndürýän kärhana öz işine başlady.

Önüm öndürmek üçin esasy çig mal Türkmenbaşydaky Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyndan, şeýle hem önümçilige zerur bolan himiki serişdeler daşary döwletleriň öňdebaryjy kompaniýalaryndan özara hyzmatdaşlyk esasynda getirilýär. Häzirki wagtda täze kärhanada mineral we sintetik ýaglaryň 25 görnüşi öndürilip, geljekde onuň sanyny 50-ä ýetirmek göz öňünde tutulýar. Kärhanada işçi-hünärmenleriň 40-sy zähmet çekýär, geljekde önümçiligiň giňeldilmegi bilen bu san 100-e ýeter.

Öndürilýän önümler kärhananyň özünde önümçiligi ýola goýlan 1, 5 we 20 litr göwrümli plastik gaplara, şeýle hem 200 litr göwrümli demir çeleklere gaplanýar. Kärhananyň bir günde 80 tonna, bir ýylyň dowamynda bolsa, 20 müň tonna önüm öndürmäge mümkinçiligi bar.

# Baglar – Zeminiň görki



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daşky gurşawy goramak, tebigatdan tygşytly peýdalanmak, bioköpdürlüligi goramak we artdyrmak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen oýlanyşykly işlenilip taýýarlanylan, öňdebaryjy tejribä, innowasion tehnologiýalara we köpasyrlyk milli däplere esaslandyrylan «Ýaşyl ösüşiň strategiýasy» ýurdumyzy ykdysady we durmuş taýdan durnukly ösdürmegiň möhüm guraly bolup durýar. Üstünlikli durmuşa geçirilýän bu taglymatyň netijesinde ata Watanymyzyň ekoulgamy ýylsaýyn baýlaşýar, halkymyzyň saglygyna hem oňaýly täsir edýär.**

**Suw we beýleki tebigy serişdeleri aýawly saklamak, çölleşmä, ýerleriň zaýalanmagyna, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlarynyň hatarynda durýar.**

**Ýurdumyzda ilatyň durmuş abadançylygy ekologiýa abadançylygy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.** 3

## Heýkeliň bir bölegi tapyldy

Müsüriň we ABŞ-nyň arheologlary Müsüriň Minýa şäheriniň günortasynda geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda beýikligi takmynan, 3,8 metr bolan Ramses II äpet heýkeliniň ýokarky böleginiň üstünden bardylar.

4

## Ýazky dynç alşy nähili geçirmeli?!

Ýaz paslynyň gelmegi bilen türkmen topragy güneşli günlere, al-elwan güllere beslenip, tebigat ýaşyl begresini geýdi. Bahar pasly hyjuwlylygyň, joşgunlylygyň pasly bolup, adamlaryň göwnüni göterýär, täze üstünliklere ruhlandyrýar.



5

## Oskarda-da «Oppenhaýmer» baýraklary toplady

Kino sungatynyň iň abraýly baýragy hasaplanýan Oskar baýraklary gowşuryldy. 96-njy gezek geçirilen Oskaryň gowşurylyş dabarasyny belli komediýaçy Jimmi Kimmel alyp bardy.



6

## Ýarym finalçylar belli boldy

AFK Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň jogap oýunlary geçirilip, ýarym finala çykanlar belli boldy. Günbatar zolakda Ronaldonyň çykyş edýän «Al Nassr» toparyna ýarym finala çykmak başartmady.



7



# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji marty)*

***Hormatly aksakgallar!***

Size şu günki mejlise gatnaşmaga çakylygymyzy kabul edendigiňiz üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirýärin. Biz bu ýerde türki halklaryň hormat-sarpaly, akyl-paýhasly, mynasyp wekillerini görýäris. Pursatdan peýdalanyp, siziň ähliňizi mukaddes Oraza aýynyň başlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Aksakgallar geňeşiniň geçen gezekki mejlisinde ençeme möhüm teklipler, şol sanda geňeşiň nobatdaky 15-nji mejlisini 2024-nji ýylda Aşgabatda geçirmek baradaky çözgüt kabul edildi. Türkmenistanda bu teklip ruhubelentlik we uly jogapkärçilik bilen garşylanyldy.

Men Aksakgallar geňeşiniň örän uly ähmiýetiniň bardygyny bellemek isleýärin. Geňeş türki halklary asyrlaryň dowamynda kemala gelen baý taryhy mirasymyzyň, däp-dessurlarymyzyň we ahlak sütünlerimiziň töweregine jebisleşdirmäge ýardam berýär. Aksakgallar geňeşi Türki Döwletleriň Guramasynyň, olaryň ýolbaşçylarynyň işinde parasatly kömekçi we maslahatçydyr. Biziň durmuş tejribämiz, bilimimiz döwlet derejesinde oýlanyşykly, öňdengörüjilikli çözgütleriň kabul edilmegine, içerki we halkara durmuşyň dürli soraglaryna dogry baha bermäge ýardam edýär. Ýaşlarymyzy terbiýelemekde, olara dogry ýoly salgy bermekde bu geňeşiň bahasyna ýetip bolmajak hyzmaty bardyr.

Biziň işimiz türki halklaryň agzybirliginiň, doganlygynyň we özara goldawynyň synmaz daýançlarynyň biri bolup, häzirki döwürde bu aýratyn möhümdir. Umuman, men Aksakgallar geňeşiniň Türki Döwletleriň Guramasynyň işiniň jemgyýetçilik, durmuş-ynsanperwer, medeni ugurlarynyň möhüm bölegine öwrülmelidigine ynanýaryn. Ol döwlet derejesinde gazanylan çözgütleriň hem-de ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegine ýardam bermelidir. Guramanyň halkara ynsanperwer gatnaşyklaryna goldaw berip, halk diplomatiýasyna işjeň gatnaşmalydyr. Şu babatda öňümizde uly wezipeler, bilelikde işlemek üçin giň mümkinçilikler bar.

Şu gün men Türkmenistanyň bu geňeşiň çäginde ýakyndan işleşmegi berk maksat edinýändigini ýene-de bir gezek nygtamak isleýärin. Biz çäreleri meýilleşdirmäge we guramaga işjeň gatnaşarys, Aksakgallar geňeşiniň abraýyny hem-de ornuny mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga ýardam bereris.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Meniň ozal hem belleýşim ýaly, häzirki ýönekeý bolmadyk halkara şertlerde türki döwletleriň agzybirligi we raýdaşlygy örän möhümdir. Şunda halklarymyzyň arasynda doganlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagy aýratyn ähmiýete eýedir. Şu düşünjeler ähli bilelikdäki taslamalaryň hem-de başlangyçlaryň esasynda durmalydyr.

Türki Döwletleriň Guramasynyň işiniň, şol sanda onuň möhüm halkara soraglar boýunça umumy strategiýasy kesgitleýji häsiýete eýe bolmalydyr. Türki döwletleriň ysnyşykly, netijeli hyzmatdaşlygy olaryň ykdysady ösüşiniň, hal-ýagdaýynyň, bäsdeşlige ukyply bolmagynyň möhüm şertidir. Biziň öz gatnaşyklarymyzy häzirki döwrüň talaplary esasynda ýola goýmak bilen, umumy ösüş binýadymyza esaslanmagymyz möhümdir. Biz köpasyrlyk oňyn tejribä daýanyp, taryhy dowamatlylygy üpjün edýäris we ol öz netijelerini hem berýär.

Häzirki geosyýasy we ykdysady ýagdaýlarda halklarymyzyň hem-de döwletlerimiziň hyzmatyny we ornuny dikeltmek zerurdyr. Şoňa düşünip, Türkmenistan Türki Döwletleriň Guramasynyň çäklerindäki hyzmatdaşlyga yzygiderli we uzak möhletli häsiýet bermegiň, geljegi uly ugurlara aýratyn üns bermegiň zerurdygyna esaslanýar.

Şol ugurlaryň biri energetika bolup durýar. Türkmenistan dünýä energetika bazarlarynyň umumy durnuksyz şertlerinde hyzmatdaşlyk etmegiň netijeli, ygtybarly, öz-özüňi üpjün edýän nusgasyny döretmegi möhüm hasaplaýar. Bu bolsa biziň ýurtlarymyzyň barha artýan energetika isleglerini üpjün eder. Iri energiýa öndüriji döwletleriň biri bolan Türkmenistan doganlyk ýurtlara energiýa serişdelerini ibermäge, olaryň möçberini artdyrmaga taýýardyr. Häzirki wagtda biziň ýurdumyz Özbegistana we Gyrgyzystana elektrik energiýasyny iberýär. Bu döwletleriň gatnaşmagynda türkmen tebigy gazyny gündogar ugra ibermek boýunça iri taslamalary amala aşyrmagyň meýilnamalary hem bar.

Şeýle-de, biziň türkmen tebigy gazyny we elektrik energiýasyny Gazagystana, Azerbaýjana, Türkiýä ibermek üçin gowy mümkinçiliklerimiz bar. Biz energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde doganlyk döwletlere mundan beýläk-de ýardam bermäge taýýardyrys. Geljekde hemişelik hereket edýän toplumlaýyn energiýa geçiriji ulgamy döredip bolar. Şonda türki döwletler geografik taýdan ýakynlygyndan, serişde kuwwatyndan, eltmegiň mümkinçiliklerinden doly möçberde peýdalanyp bilerler.

Türki döwletleriň hyzmatdaşlygynda ulag ulgamyna aýratyn orun berilýär. Biz bitewi ulag strategiýasyny döretmäge girişmelidiris. Tagallalaryň birleşdirilmegi halkara hyzmatdaşlarymyz we iri maýadarlar bilen bu ugurda ylalaşyklary gazanmaga mümkinçilik berer. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek barada öňe süren strategiýasynyň örän uly ähmiýetiniň bardygyny bellemek isleýärin. Bu ugurda türki döwletlere esasy orun degişlidir.

«Türki guşak» köp asyrlar mundan ozal adamzadyň ösüşine ägirt uly oňyn täsirini ýetirdi. Ol Gündogar we Günbatar medeniýetleriniň ösüşini geografik taýdan baglanyşdyryp, dürli ugurlarda bilimleriň, gazanylan üstünlikleriň giňden alşylýan ýeri boldy. Ýüzýyllyklara çeken bu iş taryhy ykbaly, köplenç, türki dünýä goňşulygy bilen kesgitlenen onlarça halky hem-de döwletleri öz içine aldy. Meniň pikirimçe, häzir gürrüň türki halklaryň bu beýik taryhy wezipesi barada gaýtadan oýlanmak we oňa uýgunlaşmak hakynda barmalydyr. Şonuň üsti bilen Ýewraziýa giňişliginde hyzmatdaşlyk etmegiň täze gurluşyny döretmeli. Syýasatda, ykdysadyýetde, söwdada, medeniýetde, dünýägaraýyşda onuň esasy ugurlaryny kesgitläp, bu işe durnukly hem-de yzygiderli häsiýet bermeli.

***Hormatly aksakgallar!***

Ynsanperwerlik biziň geňeşdäki işimiziň ileri tutulýan ugrudyr. Biziň halklarymyz diliniň, medeni hem-de taryhy kökleriniň umumylygy bilen tapawutlanýar. Biz halklarymyzyň ganyna we süňňüne siňen aslymyzdan, maşgala gatnaşyklaryna wepalylykdan, ata-enelerimizi, ýaşululary hormatlamakdan hiç haçan ýüz öwürmeýäris. Däp-dessurlarymyza hormat goýmakdan, watançylygymyzdan, borja ygrarlylygymyzdan el çekmeýäris.

Häzirki döwürde türki halklaryň arasynda dostlugy we özara düşünişmegi berkitmegiň ähmiýetli bolşy ýaly, ýaş nesillere tejribämizi, müňýyllyklara uzaýan ruhy mirasymyzy geçirmek hem möhümdir. Ýaşlarda geçmişimize söýgi döretmek, olary halkyň, Watanyň bähbidine üstünlikleri gazanmaga taýýarlamak zerurdyr. Men şunda biziň geňeşimiziň işiniň esasy wezipeleriniň birini, bu ugurda döwlet tagallalary üçin daýanç hökmünde onuň ornuny görýärin.

Bilşiňiz ýaly, şu ýyl Türkmenistanda we daşary ýurtlarda beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bellenilýär. Bu sene türki döwletlerde hem giňden bellenilip geçiler. Bu, elbetde, kanunalaýyk ýagdaýdyr. Çünki Magtymguly diňe bir türkmen milletiniň buýsanjy däldir. Ol ähli türki dünýäniň guwanjydyr, biziň halklarymyza mahsus bolan asyllylygyň, mertligiň, dogruçyllygyň, açyklygyň we edermenligiň nusgasydyr. Magtymguly hut şu häsiýetleri wasp edip, halklarymyzyň beýikligi hem-de gülläp ösmegi barada arzuw edipdir. Bu gün biz onuň kesgitlän ýoly bilen bilelikde öňe barýarys.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

***Gadyrly ýaşulular!***

Mejlisiň dowamynda biz Aksakgallar geňeşiniň işini kämilleşdirmek, Türki Döwletleriň Guramasynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we doganlyk ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça pikir alyşdyk, köp sanly täzeçil garaýyşlary we anyk başlangyçlary beýan etdik. Hususan-da, häzirki zaman jemgyýetindäki çylşyrymly ösüş meýilleri göz öňünde tutulanda, türki halklaryň arasynda ýokary ahlagy, ynsanperwerligi, adalatlylygy, edep-ekramy we sylag-hormaty wagyz etmek hem-de mynasyp ýaş nesli kemala getirmek halkara hyzmatdaşlygyň möhüm bölegi bolup durýar.

***Gadyrly dostlar!***

Şu gün biz doganlyk türki halklarymyzyň gülläp ösmegine we abadançylygyň ýoly bilen öňe gitmegine ýardam berjek wezipeleri geňeşmek maksady bilen, şu ýere jem bolduk. Aksakgallar geňeşiniň mejlisiniň dowamynda beýan eden maslahatlarymyzyň we kabul eden çözgütlerimiziň doganlyk halklarymyzy has-da ýakynlaşdyrmakda, Türki Döwletleriň Guramasynyň ösüş ugruny kesgitlemekde hökman ulanyljakdygyna berk ynanýaryn.

Mümkinçilikden peýdalanyp, Siziň ähliňize berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, alyp barýan il-ýurt bähbitli asylly işleriňizde üstünlikleri arzuw edýärin.

## 2025-nji ýylda ýewro geçer

Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolan Bolgariýa milli pul birligi lewiň ýerine ýewro ulanmaga taýýarlyk görýär. Täze pul birligine 2025-nji ýylda geçmek meýilleşdirilýär. Halkara Pul Gaznasynyň direktory Kristalina Georgiýewa 2025-nji ýylda ýurduň ýewro pul birligine geçip biljekdigini belledi. Georgiýewa pul birligini çalyşmagyň Bolgariýanyň ykdysadyýetinde bäsdeşlik güýjüni artdyryp biljekdigini hem-de söwda we maliýe ulgamyndaky amallaryň bahasyny azaltjakdygyny aýtdy. Onuň sözlerine görä, täze pul birligi Bolgariýanyň maýa goýum üçin has özüne çekiji ýurt bolmagyna ýardam eder. Şeýle hem Georgiýewa ýurduň ykdysadyýetiniň şu ýyl 2,7 göterim ösjekdigini, hümmetsizlenmäniň bolsa, ýylyň ahyryna çenli 4 göterimden az boljakdygyny aýtdy.

**Söýli ANNABERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## 4 million gektara golaý ýere agaç ekildi

Hytaýyň Milli ýaşyllaşdyryş geňeşiniň ýaýradan maglumatyna görä, geçen ýyl ýurtda jemi 3 million 998 müň gektar meýdana agaç nahallary oturdylypdyr. Ýylyň dowamynda 4 million 379 müň gektar tarp ýer, 1 million 905 müň gektar çägelik we daşlyk ýer özleşdirilipdir. Bu görkeziji 2022-nji ýylda 3 million 83 müň gektar bolupdyr. Berlen maglumatda ýurtda dag etekleri, derýa ýakalary, tokaýlar, atyzlar, köller we çägelik ýerler utgaşykly ýagdaýda özleşdirilipdir. Şeýle hem 4 million 379 müň gektar meýdana ot ekilipdir. Ýaşyl zolaklaryň artmagy adam saglygyna oňaýly täsir edýär.

**Allamyrat NURMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## 6 aýakly robot

Elektron enjamlary öndürmegi bilen tanalýan «Lenovo» kompaniýasy senagat desgalarynda ulanmak maksady bilen 6 aýakly robot işläp taýýarlandygyny mälim etdi. Şu ýyl tanyşdyryljak «Daystar Bot GS» atly bu enjam «Boston Dynamics» kompaniýasynyň «Spot» atly ite meňzeş robotyna meňzeýär. Emma «Spot»-dan tapawutlylykda onuň 4 däl-de, 6 aýagy bar. Mälim bolşy ýaly, «Spot» atly roboty dürlüçe programmalaşdyrmak arkaly birnäçe işi ýerine ýetirmekde peýdalanyp bolýar. «Lenovo» mundan ozal – 2020-nji ýylda «Daystar» atly roboty işläp taýýarlady. Bu robot şu ýyl «IF Design» atly baýraga mynasyp boldy. Täze robotyň deňagramlylygy saklamaga we çeýe hereketleri ýerine ýetirmäge ökdedigi mälim edildi.

**Hojaberdi JEPBAROW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisi hakynda BEÝANAT

Aşgabat şäherinde 2024-nji ýylyň 11-12-nji martynda Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisi geçirildi. Oňa Türki Döwletleriň Guramasyna agza we synçy ýurtlaryň ýaşululary gatnaşdylar.

Taraplar aç-açanlyk, dostlukly, netijeli ýagdaýda özara gyzyklanma bildirilýän has möhüm meseleler boýunça pikir alyşdylar. Ýaşulular söwda, ykdysadyýet, medeniýet, bilim, ýaşlar syýasaty we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhümliginiň artýandygyny beýan etdiler.

Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 14-nji mejlisiniň netijeleri boýunça öňe sürlen teklipleri durmuşa geçirmegiň barşyna hemmetaraplaýyn seredip, taraplar syýasy taýdan özara ynanyşmagy we türki halklaryň hyzmatdaşlygyny berkitmekde guramanyň wajyp ornuny bellediler. Ýaşulular adamzadyň ösüşine ägirt uly täsirini ýetiren «Türki guşakda» esasy orny eýelän Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek strategiýasynyň aýratyn ähmiýetiniň bardygyny bellediler.

Taraplar ählumumy we sebit guramalarynda türki döwletleriň tagallalaryny utgaşdyrmagyň zerurdygyny, dünýä hem-de sebit meseleleri çözülende, TDG-niň ornuny ýokarlandyrmagyň möhümdigini tassykladylar. Şu babatda guramanyň çäklerinde alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň örän baý taryhy hem medeni mirasyň, köpasyrlyk däpleriň we ahlak sütünleriniň esasynda türki halklary ýakynlaşdyrýandygy bellenildi. Ýaşulular ylmy hyzmatdaşlygy, akademiki barlaglary ösdürmek hem-de bilelikdäki halkara maslahatlary geçirmek arkaly türki dünýäniň taryhyny mundan beýläk-de wagyz etmäge aýratyn üns berdiler.

Taraplar türki halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary we özara düşünişmegi pugtalandyrmagyň, ýaşlara ruhy mirasyň asylly däplerine laýyklykda watançylyk terbiýesini bermegiň Aksakgallar geňeşiniň işiniň ileri tutulýan esasy ugurlarynyň biridigini bellediler.

Ýaşulular 2024-nji ýylda türki döwletlerde beýik akyldar şahyr we ylym-bilimi ýaýradyjy Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk ýubileýiniň baýram edilmegini gutladylar. Beýik söz ussadynyň eserleri ähli türki dünýäniň baýlygy we türki halklara mahsus bolan asyllylygyň, mertligiň, dogruçyllygyň, açyklygyň, raýat edermenliginiň beýany bolup durýar.

*Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 11-12-nji marty.*

## Ýüzden gowrak deňiz jandary tapyldy

Täze Zelandiýanyň Günorta adasynyň golaýyndaky Baunti çukurynda 21 alymdan ybarat toparyň geçiren barlagynda 100-den gowrak deňiz jandary ýüze çykaryldy. Olaryň arasynda balyklar, krewetkalar we molýuskalar tapyldy. Deňiz biology Aleks Rojers üsti açylan jandarlaryň sanynyň ýene-de artmagyna garaşýandyklaryny aýdýar. Biolog ýyldyz şekilli jandaryň tapylandygyny we onuň entek haýsy uruga degişlidigini anyklanmandygyny, şeýle hem balyga meňzeş täze jandarlaryň tapylmagynyň haýran galdyryjy ýagdaýdygyny aýdýar.



Ol deňiz ekoulgamynyň gury ýerdäki tebigata goldaw berýändigini, şol sebäpli has köp maglumat almagyň ähmiýetlidigini mälim etdi.

Ylmy barlagyň geçen aý amala aşyrylandygy mälim edildi. Ummanlarda jemi 2 milliondan gowrak görnüşli jandaryň ýaşaýandygy çaklanylýar. Adybir adanyň golaýyndaky çukuryň çuňlugy 4 müň 800 metre ýetýär. Öňki ýyllarda bu ýerde geologlar ylmy işleri geçiripdirler. Rojers bu ýeriň biologlar tarapyndan ilkinji gezek öwrenilýändigini aýdýar.

**Batyr NURBERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

## Ýollarymyz asuda bolsun!

Ýollarymyzda awtoulaglaryň sany ýylsaýyn köpelýär. Bu bolsa awtomobil ulaglarynyň hereketiniň sazlaşygyny guramak we howpsuzlygy üpjün etmek meselesini öňe çykarýar. Şunuň bilen baglanyşykly degişli işleri geçirmek baradaky alada hormatly Prezidentimiziň hemişelik üns merkezinde durýar.

Durmuşda gabat gelýän ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almakda sürüjileriň we pyýadalaryň ikitaraplaýyn tagallalary hökmanydyr. Sebäbi sürüji hem pyýada ýol hereketiniň kadalaryny gyşarnyksyz berjaý edende, ýol-ulag hadysasyny aradan aýryp bolar.



Ýol hereketine gatnaşýan sürüjiler tizligiň aşa ýokary derejä ýetirilmeginiň diňe özleri üçin däl, eýsem, beýleki ulaglar we pyýadalar üçin howp döretmeginiň mümkindigini unutmaly däldir. Herekete gatnaşyjylar ýol belgileriniň talaplaryny berjaý edip, tizligiň ygtyýar edilýän derejesiniň çäginden çykmazlygy gerekdir. Şonuň üçin pyýadalaryň hereketiniň has köp ýerinde, çagalar edaralarynyň, medeni-köpçülikleýin çäreleriň geçirilýän ýerleriniň golaýynda ýörite belgiler goýlup, howpsuzlyk üpjün edilýär.

Umuman aýdylanda, sürüji hemişe ünsli bolmaly. Ol ýol hereketine gatnaşyjylaryň hemmesine hormat bilen garamagy başarmaly. Käte awtoulagyň tizligini saklamagyň sürüjä bagly bolmaýan pursatlary hem bolup biler. Awtoulagyň okuna düşýän agram köp bolanda ýollarda göze görünmeýän tolkunjyklar emele gelip, ulagyň zaýalanmagyna getirýär. Uly gabaraly awtoulaga bolmalysyndan artyk ýük ýüklemek bolsa, ýokary tizlik bilen barýan awtoulagyň bökmegine ýa-da çaýkanmagyna getirýär. Elbetde, şol pursatlar dörän mahalynda yzdan gelýän awtoulagyň sürüjisiniň çykgynsyz ýagdaýa düşmegi hem mümkindir. Sebäbi ýük nowasyndan maýda ýükler ýere gaçyp, dürli bökdençlikleri döredip biler.

Ulag sürlende goýberilen sähelçe säwligiň beýlekilere zeper ýetirip biljekdigini ýatdan çykarmaly däldiris. Ýoluňyz ak bolsun!

**Berdimyrat DURDYÝEW,**
*Tejen EPB-niň PÝGB-niň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

## «Titanic II» peýda bolar

Awstraliýaly işewür Kliw Palmer hakykysyndan has gowy boljak «Titanic» gämisini gurmagy meýilleşdirýändigini mälim etdi. Şeýle hem täze guruljak gäminiň suratlary köpçülige görkezildi. Sidneýdäki Opera öýünde geçirilen tanyşdyrylyş dabarasynda täze gäminiň ölçeginiň hakykysy bilen deň boljakdygy bellenildi. Palmer eýeçilik edýän «Blue Star Line» kompaniýasynyň entek bu gämini gurmak üçin hiç bir



öndüriji bilen ylalaşyk gazanmandygyny aýtdy.

Palmer şeýle gämini gurmagy köp wagtdan bäri arzuw edipdir. Işewür bu barada 10 ýyl ozal Londonda geçiren metbugat ýygnagynda ilkinji gezek mälim edipdi. Taslamany durmuşa geçirmek üçin 2018-nji ýylda synanyşylypdy. Pandemiýanyň hem ara girmegi bilen taslama togtadylypdy. «Titanic II» atly gäminiň 2027-nji ýylda taýýar boljakdygy hem-de ilkinji «Titanic» ýaly ilkinji syýahatyny Soutgemptondan (Angliýa) Nýu-Ýorka (ABŞ) amala aşyrjakdygy mälim edildi.

**Artykmyrat GARAGULOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 15-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113590

Belgisi: 11/1577
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Arkadag şäheri – bagtyýar döwrüň üstünligi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmekde nusgalyk tagallalar edilýär, iri möçberli gurluşyk taslamalary üstünlikli amala aşyrylýar, ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýady pugtalanýar. Şoňa görä-de, bu gün berkarar Watanymyz ýokary depginler bilen özgerýär, kuwwatly ýurda öwrülýär.

Ýurdumyzyň ilkinji «akylly» şäheri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda yzygiderli hem ynamly amala aşyrylýan uly özgertmeleriň aýdyň netijesidir.

Häzirki wagtda Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň depginli alnyp barylmagy, onuň medeni-durmuş maksatly desgalary hem öz içine almagy deňi-taýy bolmadyk «akylly» şähere bolan gyzyklanmany ýokarlandyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň pähim-paýhasyndan badalga alan bu şäher diňe biziň ýurdumyzda däl, eýsem, Merkezi Aziýa sebitinde «durmuş-üpjünçilik düzümi tutuşlygyna sanly ulgam arkaly dolandyrylýan ýeke-täk şäher» diýlip tanalýar. Onuň gurluşygyna diňe öz ýurdumyzyň hususy gurluşyk kärhanalarynyň gatnaşandygy, şeýle hem gurluşyk işlerinde diňe ýurdumyzyň çäginde öndürilýän, ekologiýa taýdan arassa serişdeleriň ulanylandygy aýratyn buýsançlydyr.



Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen uzak ýyllaryň dowamynda «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäginde Türkmenistanda iň häzirki zaman lukmançylyk enjamlary hem-de saglygy goraýyş ulgamynda öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen bejeriş edaralarynyň onlarçasy guruldy, ýokary derejeli hünärmenleriň müňlerçesi ýetişdirildi.

Arkadag şäherinde lukmançylyk klasterini, ýagny bir maksatly özara arabaglanyşykly derman we saglyk maksatly serişdeleri öndürýän lukmançylyk edaralary dörediler. Yglan edilen halkara bäsleşiginde Germaniýanyň «Goetzpartners Emerging Markets GmbH» kompaniýasy ýeňiji boldy. Mälim bolşy ýaly, milli Liderimiz Arkadag şäherinde lukmançylyk klasterini döretmek boýunça yglan edilen halkara bäsleşiginde ýeňiji bolan GFR-iň maslahat beriş kompaniýasynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyp, işlenip taýýarlanylan taslamany ýerine ýetirmegiň ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdy. Duşuşygyň dowamynda alym Arkadagymyz ýurdumyzda daşary ýurtly hünärmenleriň, işewür düzümleriň netijeli iş alyp barmaklary ugrunda ähli zerur şertleriň döredilýändigini, türkmen tebigatynda, şol sanda Garagum sährasynda eksport ugurly harytlary öndürmek üçin ägirt uly çig mal serişdeler gorunyň bardygyny belledi. Arkadag şäherinde döwrebap lukmançylyk klasterini döretmek ugrundaky anyk işler halkymyzyň saglygy babatdaky aladalaryň ýene-de bir güwäsi bolup, biziň her birimizi buýsandyrýar.

Döwrümiziň şanyna şan goşýan şeýle asylly işleri üstünlikli durmuşa geçirýän, halkymyzyň asuda, parahat hem abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Käbe KAKAJANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Ulag diplomatiýasy – ösüşleriň täze menzilleri

Türkmenistanda köpugurly ulag ulgamyny döretmek boýunça işler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň deňiz ulag ulgamynyň, täze awtomobil, howa, demir ýol merkezleriniň we geçelgeleriniň gurluşygy giň gerimde alnyp barylýar. Bu ugurda baý tejribe toplan daşary ýurtly hyzmatdaşlar we belli kompaniýalar bilen gatnaşyklary ýola goýmagyň ägirt uly geljegi uzak menzilleri nazarlaýar. Merkezi Aziýany sebit ähmiýetli iri üstaşyr geçiriş çatrygyna öwürmek boýunça uly möçberli işler amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda halkara ülňülerine laýyk gelýän milli ulag kanunçylyk ulgamy döredildi. Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksi, Türkmenistanyň Howa kodeksi, «Demir ýol ulaglary hakynda», «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda», «Awtomobil ulag hakynda», «Awtomobil ýollary we ýol işi hakynda», «Ulag howpsuzlygy hakynda», «Türkmenistanyň ulag syýasatynyň esaslary barada» Türkmenistanyň Kanunlary hereket edýär. Bu bolsa Türkmenistanda ulag kanunçylygynyň halkara ülňülerine laýyklykda kämilleşdirilýändigini aýdyň görkezýär.



2023-nji ýylyň 16-njy maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisiniň dowamynda Türkmenistan döwletimiziň başlangyjy bilen «Bütindünýä durnukly ulag güni» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Bu halkara resminama dünýä ýurtlarynyň 67-den gowragynyň awtordaş bolup çykyş etmegi, tutuş adamzat üçin ägirt uly ähmiýete eýediginiň aýdyň beýany boldy. Şeýle-de, halkara resminama laýyklykda, her ýylyň 26-njy noýabry «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýlip yglan edildi.

Dünýäniň ulag giňişligine goşulyşmak, ýurdumyzyň üstaşyr mümkinçiliklerini artdyrmak, iri logistik merkezini döretmek ulag ulgamyny ösdürmegiň möhüm ugry bolup durýar. Durnukly ösüşi üpjün etmekde, döwletleriň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyklary, dost-doganlyk gatnaşyklary has-da ösdürmekde ulag-üstaşyr geçelgeleri möhüm orny eýeleýär. Ýewraziýa giňişliklerini gurşap alýan Günorta we Günorta–Gündogar Aziýa, Ýakyn Gündogar we Aziýa, Ýuwaş umman sebitlerine çykýan ulag ýollaryny birleşdirýän deňiz we Baltika deňziniň terminallaryny ulag-logistika hyzmatlary babatda utgaşdyrmakda döwletimiziň giň mümkinçilikleri bardyr. Şol mümkinçilikleri umumadamzat bähbitlerine gönükdirmek bilen, halkara ähmiýetli başlangyçlar öňe sürülýär.

Türkmenistanyň Ýewropa-Kawkaz – Aziýa ulag geçelgesi (TRASEKA) Ylalaşyguna goşulmagy Ýewropa, Kawkaz, Gara deňiz we Hazar deňzi sebitlerinde, Aziýa yklymynda ykdysady hyzmatdaşlygy, söwda, ulag ugurly gatnaşyklary ösdürmekde, harytlaryň halkara gatnawyny işjeňleşdirmekde, hereketleriň howpsuzlygyny üpjün etmekde, ulag syýasatyny sazlaşdyrmakda, ulagyň dürli görnüşleriniň arasynda bäsdeşlik üçin deň şertleri döretmekde möhüm orny eýeleýär.

Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallalary bilen howa ulaglary awiasiýa ulgamynda hem görnetin ösüşler gazanylýar. Täze açylýan howa gatnawlary boýunça halkymyza hyzmat etmegiň hili ýokarlanýar hem-de gerimi barha giňeýär. Bu ugurda berkarar döwletimizden dünýäniň dürli künjeklerine howa ýollaryň ugurlarynyň artmagy halkara hyzmatdaşlygynyň hem ösdürilmegine ýardam etmekde ähmiýetlidir. Paýtagtymyzdan Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň Hoşimin şäherine, şeýle hem Italiýanyň Milan şäherine ilkinji gezek ýola goýlan täze howa gatnawlary döwletara gatnaşyklaryna uly itergi berýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, ýurdumyzyň raýat awiasiýasynyň düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagy hem-de tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy Türkmenistanyň ulag ulgamynda tapgyrlaýyn amala aşyrylýan iri möçberli özgertmeleriň aýrylmaz düzüm bölegidir. Içerki we halkara gatnawlarynda ýük daşamakda we ýolagçy gatnatmakda raýat awiasiýasyna möhüm orun berilýär. Bu ugurda durmuşa geçirilýän degişli maksatnamalar innowasion tehnologiýalary, öňdebaryjy inžener-tehniki pikirleri hem-de iň oňat dünýä tejribesini peýdalanmaga gönükdirilendir.

**Bägül ANNANEPESOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Gündogaryň akyldar şahyrynyň belent sarpasy

*Şu günler ýurdumyzyň ähli edaralarynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly, şeýle-de Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli baý many-mazmunly çäreler geçirilýär. Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geçirilýän çäreler her birimiziň kalbymyzy joşa getirýär, döwrümize bolan buýsanjymyzy goşalandyrýar.*

*«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Aşgabadyň günorta künjegindäki Magtymguly medeni-seýilgäh toplumynda dünýä belli akyldarlaryň heýkeliniň ýerleşjekdigi ählimizi buýsandyrýar.*



*Nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlary terbiýe mekdebidir. Şahyryň parasatly setirleri ulus-iliň kalbynda ebedilik orun aldy. Onuň köp sanly parasatly sözleri nakyllara, atalar sözüne öwrülip gitdi. Dana şahyryň baý edebi mirasynyň agramly bölegi ahlak we terbiýeçilik öwüt-ündewleri tutýar.*

*Türkmen halkynyň at-owazasyny dünýä tanadan Magtymguly Pyragynyň dürdäne döredijiliginiň ýyllar geçdigiçe ynsan köňüllerine saçýan şuglasy has-da güýçlenýär. Muny tutuş türki dünýäde şu ýylyň «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» şygary astynda geçmegi, şahyryň golýazmalar toplumynyň BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna hem-de Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna girizilmegi hem doly tassyklaýar.*

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlarynyň mynasyp orun alan medeni syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şonuň netijesinde, şahyryň döredijiligi daşary döwletlerde-de giňişleýin we çuňňur öwrenilýär. Milli Liderimiziň akyldar şahyra bagyşlap ýazan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly ajaýyp goşgusy ähli ildeşlerimiz tarapyndan uly ruhubelentlik bilen kabul edildi we daşary ýurtlarda-da oňyn seslenme döretdi. Gahryman Arkadagymyzyň: «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir» diýip, şahyryň döredijiligine ýokary baha bermeginiň özi Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhas ummanynyň örüsiniň barha giňeýändigini aňladýar.*

*Şahyryň goşgularyny nesillerden-nesillere geçirmek biziň ählimiziň mukaddes borjumyzdyr. Onuň döredijiligi döwrüň islendik wagtynda hem gymmatyny saklaýan, sarpasyny artdyrýan, akyly, aňy ösdürýän we özgerdýän, ynsan duýgusyny heýjana salýan sungatdyr. Şahyryň agzybirlige, edep-ekrama, ahlak arassalygyna ýugrulan döredijiligi milliligi ör boýuna galdyrýar. Magtymguly akyl äleminiň bakylyk çyragy bolmak bilen, agzybirligiň bar ýerinde döwletliligiň, abadançylygyň, bitewüligiň bolýandygyny öz şygyrlary arkaly beýan edipdir. Şahyr ynsan saglygyna zeper ýetirýän ýaramaz endiklerden, gepden-gybatdan, çilimdir nasdan daşda durmagy wagyz edipdir.*

*Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň dili halkyň gepleşik diline örän ýakynlygy bilen tapawutlanýar. Şahyryň goşgulary adamlaryň ýürek tarlaryny owazlandyrýar. Onuň döredijiliginden her bir adam öz kalbyny tapyp bilýär. Magtymguly türkmeniň sähra ýaly giň, gunduz ýaly ak, halal, merdem ýürek duýgularyny beýan edip, diňe türkmen milletiniň däl, eýsem, tutuş dünýäniň akyldaryna öwrüldi. Şahyryň goşgularyna döredilen aýdymlar göwni joşan adamyň ilkinji hiňlenmesi, gamly göwünleriň melhemidir.*

***Baýramtäç ORAZTAGANOWA,***
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Dana Pyragy – köňülleriň şamçyragy

*Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Magtymguly Pyragy türkmen halkyny beýgelden, abraý-mertebesini dünýäde belende göteren nusgawy şahyrdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisiniň çäklerinde ýakynda geçirilen duşuşykdaky çykyşynda: «Biz Türkmenistanda 2024-nji ýylyň şygaryny «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýip yglan etdik. Magtymguly Pyragynyň bahasyna ýetip bolmajak mirasy adamlaryň kalbynda mynasyp orun aldy. Onuň döredijiligi diňe bir türkmen ýa-da türki halklarynyň däl, eýsem, tutuş gündogar halklarynyň hem medeni-ruhy ösüşine uly goşant goşup, umumadamzat edebiýatynyň genji-hazynasynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi» diýip jaýdar belleýär.*

*Magtymguly Pyragynyň dürdäne setirleri halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamyndaky ruhy ahwalyny, isleg-arzuwyny, ýürek sedasyny tutuş dünýä aýan edýär. Söz ussadynyň döredijiligine içgin aralaşdygyňça, taryhy ýolumyza, ata-babalarymyzyň durmuş baradaky garaýyşlaryna, ýörelgelerine has düýpli göz ýetirmek mümkin. Bilşimiz ýaly, beýik söz ussady öz ýaşan döwründe il-güni agzybirlige çagyryp, bir bitewi döwlet gurmagy arzuwlapdyr. Onuň eserleriniň bir bölegi-de agzybirlige, dost-doganlyga, parahat döwlet gurmaga ýugrulan şygyrlardan ybarat bolup, kalplarda müdimilik ýaşap gelýär. Parahatçylyga, jebislige, watansöýüjilige uly sarpa goýýan halkymyz hem beýik şahyrymyzyň bu çagyryşyny ruhy ýörelge, durmuş kanuny hökmünde kabul edýär. Magtymguly Pyragynyň bu arzuwlary biziň ajaýyp döwrümizde – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hasyl boldy.*

*Al-Faraby, Mahmyt Zamahşary, Muhammet al-Horezmi, Omar Haýýam ýaly Gündogaryň beýik danalarynyň mekdebini geçen Magtymguly Pyragynyň döredijiligi, ilkinji nobatda, köptaraplaýynlygy bilen tapawutlanýar. Dana şahyrymyz şygyrlarynyň üsti bilen ynsanlara asylly, sabyrly, zähmetsöýer, sylaşykly, bir sözli, mert bolmaklygyň, adamkärçiligiň beýik aýratynlygydygyny ündäpdir.*

*Bu gün Magtymguly Pyragynyň hormaty, mertebesi diňe gündogar halklarynda däl, eýsem, tutuş dünýäde belent tutulýar. Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen şahyryň golýazmalaryny öwrenmek, edebi-ruhy mirasyny toplamak, ömri we döredijiligine degişli ylmy işleri taýýarlamak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Şeýle hem Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň dünýäniň dürli dillerine terjime edilmegi we söýlüp okalmagy beýik söz ussadynyň şahyrana dünýäsiniň tutuş adamzada hyzmat etmeginde giň mümkinçilikleri döredýär.*

*Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň ýygyndylary dünýäniň köp ýerinde saklanýar. Türkmen alymlarynyň Nýu-Delidäki Hindistan Milli muzeýiniň, Rampurdaky Raza kitaphanasynyň, Bangiýa Sahitýa Parişat edebiýat jemgyýetiniň we Kalkuttadaky Aziýa jemgyýetiniň golýazmalar hem kitap gaznalaryny içgin öwrenmegi netijesinde, türkmen halkynyň taryhy, medeniýeti we sungaty bilen baglanyşykly 69 golýazma ýüze çykarylyp, olaryň elektron nusgalary Türkmenistana getirildi. Magtymguly Pyragynyň we beýleki*



*görnükli türkmen şahsyýetleriniň döredijilik mirasy, türkmen halkynyň taryhy we medeniýeti barada gymmatly ylmy maglumat berýän bu çeşmeleriň köpüsi ozal bilinmeýän eserlerdir.*

*Magtymguly Pyragy ýurtlary, ülkeleri aşyp, ençeme halklaryň, milletleriň durmuşy bilen tanşypdyr. Ol bolan syýahatlarynda dana, pähimdar, parasatly kişiler bilen görşüp, pikir alşypdyr we dürli eserleri döredipdir. Beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi we şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygynyň 2024–2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşulmagy, TÜRKSOÝ guramasy tarapyndan 2024-nji ýylyň «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmegi akyldar şahyrymyza bolan sarpanyň näderejede beýikdiginden nyşandyr.*

***Gurbangül MYRADOWA,***
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

# Ýaşlaryň bagtyýar durmuşy üpjün edilýär



Toýlary toýlara, baýramlary baýramlara ulaşýan berkarar Watanymyzda hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda her bir günümiz belent sepgitlere, taryhy wakalara, şatlyk-şowhuna beslenýär. Bu gün Türkmenistan Watanymyz dünýäde asudalygy, agzybirligi, dost-doganlygy, parahatçylygy söýüji ýurt hökmünde tanalýar. Eziz Diýarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen beýik ösüşler gazanylýar. Bagtyýarlyga beslenen gözel Watanymyz gün-günden ösýär, özgerýär, ýurduň ykdysady ösüşleri täze belentliklere çykýar. Gadymy türkmen topragynda şeýle gysga taryhy döwürde bolup geçen beýik özgertmeler türkmen döwletiniň ägirt uly ykdysady kuwwatyny, halkyň ruhy derejesini, egsilmez döredijilik mümkinçiliklerini tutuş dünýä halklaryna aýdyň görkezýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ýöredýän daşary syýasaty dünýä halklarynyň abadançylygyna gönükdirilendir. Munuň özi ygtybarlylygy, açyklygy, howpsuzlygy kepillendirýän hyzmatdaş hökmünde tanalýan Türkmenistanyň Ýer ýüzündäki abraý-mertebesini has-da beýgeldýär. Bu gün Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesil hakynda uly alada edilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegini Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen nesilleriň düzýändigini, olara berkarar Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garalýandygyny nygtamagy ýurdumyzda ýaşlara uly üns berilýändiginiň aýdyň güwäsidir.



Ýurdumyzda alnyp barylýan ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hem halkara ýaşlar hyzmatdaşlygyny ösdürmekdir. Ýaşlaryň jemgyýetdäki orny aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Şeýle hem halklaryň we döwletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmakda ýaşlara uly orun degişlidir. Munuň özi parahatçylygyň we bähbitleriň hatyrasyna halklaryň we döwletleriň arasynda hoşniýetli hyzmatdaşlygyň kemala gelmegine gönükdirilen täze mazmunly gatnaşyklary gözläp tapmaga uly mümkinçilik berýär. Halkara ýaşlar hyzmatdaşlygyny kämilleşdirmegiň ýene-de bir ähmiýetli tarapy ýaşlaryň ylymda, bilimde, sportda, tehnologiýada we beýleki ugurlarda aýakdaş gitmegini gazanmakdyr.

Mälim bolşy ýaly, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetine Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň goşulmagy hem türkmen ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygyndaky ornuny has-da berkitdi.

Ýurdumyzda ýaşlar jemgyýetiň iň işjeň we başarjaň bölegidir. Şu nukdaýnazardan olaryň ylymly-bilimli, terbiýeli, hünärine ezber bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär we kanuny esasda kepillendirilýär. Bu barada Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 40-njy maddasynda «Döwlet ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleri döredýär we olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam edýär» diýlip bellenilýär. Şeýle-de, «Hossarlyk we howandarlyk hakynda», «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda», «Bilim hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary hereket edýär.

Ýaşlar ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmäge, onuň kuwwatyny artdyrmaga öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Ýurdumyzda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty bu ugurda hereket edýän milli kanunçylyk esasynda amala aşyrylýar. Häzirki döwürde ýaşlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmekde uly işler amala aşyrylýar we geljekde-de has amatly şertleri döretmek göz öňünde tutulýar. Döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna ýaşlaryň doly derejede gatnaşmagy üçin zerur bolan şertleriň ählisi meýilleşdirilýär.

**Bagtyýar ALLOWOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby institutynyň talyby.*

# Baglar – Zeminiň görki

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ekologiýa abadançylygy halkymyzyň abadan, bagtyýar durmuşda ýaşamagynyň esasy şerti bolup çykyş edýär. Şu nukdaýnazardan ýurdumyzda daşky gurşawy goramaga, ony has-da baýlaşdyrmaga, gözelleşdirmäge möhüm ähmiýet berilýär, şunuň bilen baglanyşykly giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz türkmen tebigatyny, onuň gözelligini, ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamak, baýlaşdyrmak, geljekki nesillere miras goýmak barada yzygiderli alada edýär. Ýurdumyzda amala aşyrylýan bag ekmek dabaralary uly ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynyň esasynda ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmäge, raýatlarymyz üçin amatly howa gurşawyny döretmäge gönükdirilen wezipeler üstünlikli çözülýär. Ozaly bilen, ol ekologiýa abadançylygy, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşy üçin amatly şertleri döretmek nukdaýnazaryndan örän ähmiýetlidir. Ilatly ýerleriň töwereginde täze tokaý zolaklarynyň döredilmegine aýratyn üns berilýär. Daşky gurşawy gorap saklamak ugrunda ata-babalarymyzdan gelýän milli däp-dessurlar bu günki gün has-da kämilleşdirilýär, her ýylda ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçirilmegi ýurdumyzyň bagy-bossanlyga öwrülmegine itergi berýär.



Ykdysadyýetiň pudaklarynda 2023-nji ýylda alnyp barlan işleriň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek, gözel tebigatymyzy has-da baýlaşdyrmak maksady bilen gol çeken Karary her birimizde uly şatlyk duýgusyny döretdi. Resminama laýyklykda, şu ýyl ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimliklerine hem-de beýleki edaralara 1,5 million düýp, welaýatlaryň häkimliklerine-de edil şonça saýaly, pürli we miweli baglaryň, şeýle-de üzüm nahalynyň ekilmegini üpjün etmek tabşyryldy. Munuň özi öňden bar bolan gök zolaklaryň üstüni ýetirip, türkmen tebigatynyň has-da gözelleşmegine, ak bazarlaryň datly miweler bilen baýlaşmagyna getirer.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen başy başlanyp, asylly däbe öwrülen bag ekmek dabaralaryna halkymyz her ýyl agzybirlik bilen gatnaşýar. Ýylyň-ýylyna geçirilýän bu dabaralarda ekilýän millionlarça düýp agaç nahallary, täze desgalaryň açylyşynda oturdylýan saýaly, pürli, miweli baglar boý alyp, daş-töwerege gözellik çaýýar. Tebigat bilen ene topragyň syrly dünýäsinden, halkyň asylly zähmetinden döreýän bu ajaýyplyk güýjüňe güýç goşup, ruhubelentlik eçilýär. Hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda, şu ýylyň 16-njy martynda ählihalk bag ekmek dabarasyny guramak göz öňünde tutuldy.

Ýurdumyzda innowasion senagatlaşmak yzygiderli amala aşyrylýar, daşky gurşawy goramaga, senagat kärhanalarynyň ekologiýa howpsuzlygyna aýratyn üns berilýär. Ylmy gazanylanlaryň daşky gurşaw bilen sazlaşykly utgaşdyrylyp peýdalanylmagy döwrüň esasy talaplarynyň biri bolup durýar. Howanyň arassalygyna netijeli gözegçiligi güýçlendirmek maksady bilen, ýörite çäreler durmuşa geçirilýär. Ýerleriň melioratiw meselelerini çözmekde innowasion çemeleşmelere, ylmyň soňky gazananlaryna, öňdebaryjy tehnologiýalara esaslanýan iri suw hojalyk taslamalary toplumlaýyn durmuşa geçirilýär.

**Oguljemal PAŞYKOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

► **Ýene-de ýeňiş gazandy.** ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Tramp Amerikan Samoasyndaky Respublikan partiýanyň praýmerizlerinde ýeňiş gazandy. Tramp bu sebitdäki ýeňşinden soň, respublikanlar tarapyndan prezidentlige dalaşgär bolmak üçin zerur bolan 1215 delegatyň sesiniň 1071-sine eýe boldy.



► **«Dünýä gözeli» mälim edildi.** Hindistanyň Mumbaý şäherinde geçirilen «Miss World-2024» bäsleşiginde çehiýaly Kristina Pyşkowa «Dünýäniň iň owadan zenany» diýen ada eýe boldy. 24 ýaşly talyp gyz Karlow uniwersitetiniň hukuk fakultetinde bilim alýar. Ol Çehiýanyň taryhynda şeýle derejä eýe bolan ikinji zenandyr.



► **Dalaşgärlikden çekildi.** ABŞ-nyň prezidentligine dalaşgär we ABŞ-nyň BMG-däki öňki hemişelik wekili Nikki Heýli prezidentlik bäsleşiginden çykýandygyny mälim etdi. Çünki Tramp birbada 16 ştatda geçirilen saýlawlaryň 15-sinde ýeňiş gazandy. ABŞ-da Prezident saýlawlary 2024-nji ýylyň 5-nji noýabrynda geçiriler.



► **Dünýäniň iň gadymy çöregi.** Arheologlar Türkiýäniň Çatalhöýük diýen ýerinde çörek bölegini tapdylar. Geçirilen seljermeler ýaşy 8600 ýyl diýlip kesgitlenen dünýäniň iň gadymy çöreginiň miladydan öňki 6600-nji ýylda bişirilendigini görkezdi. Çöregiň daşyny ýukajyk palçyk tutmagy sebäpli gowy saklanyp galypdyr.



► **Uçýan awtoulaglar öndürilýär.** Ýaponiýanyň «Suzuki» we «Skydrive» kompaniýalary uçýan ulaglaryň önümçiligine başladylar. «SKYDRIVE (SD-05)» atly ulag «Expo-2025» sergisinde tanyşdyrylar. Uçarman bilen birlikde üç adama niýetlenen uçýan ulagyň iň ýokary tizligi sagatda 100 kilometre, uçuş uzaklygy bolsa, 15 kilometre deňdir.



► **Emeli aňly robot mugallym.** Hindistanda emeli aňly ilkinji robot mugallym ýurduň Keral ştatynyň Triwandram şäheriniň ýokary orta mekdebinde işe başlady. «Iris» atly robot mugallym dürli derslerden sapak berip bilýär. Irisiň tejribesi geljekki bilim barada düşünje berýär we bu ýerde emeli aň kömekçi wezipesini ýerine ýetirer.



► **Semizleriň sany artýar.** 1990-njy ýyldan bäri semizleriň sany iki esse artdy, Ýer togalagynyň ýaşaýjylarynyň sekizden biri artykmaç agramdan ejir çekýär. 2022-nji ýylda dünýäde semizleriň sany 1 milliarddan geçdi diýip, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy habar berýär.



► **2 müň ýyllyk freska tapyldy.** Arheologlar Pompeidäki Leda öýünde haýsydyr bir mifologik wakany şekillendirýän 2 müň ýyllyk abat saklanyp galan freskany tapdylar. Arheologlar XVIII asyrda Leda öýünde deslapky gazuw-agtaryş işlerini geçirensoňlar bu ýerdäki işler diňe 2018-nji ýylda gaýtadan başlandy.



► **Da Winçä bagyşlanan sergi.** 16-njy martda Awstraliýanyň Melburn şäherinde «Leonardo da Winçi – uçursyz zehinli alymyň 500 ýyllygy» atly sergi açylar. Dünýä belli meşhur alymyň işlerine bagyşlanan sergide da Winçiniň «Atlantik kodeksi» ylmy eserleriniň asyl sahypalary sanly usulda ilkinji gezek dolulygyna görkeziler.



► **Tomaşaçylaryň sany azaldyldy.** Şu ýylyň 26-njy iýulyndan 11-nji awgust aralygynda Parižde geçiriljek Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşjak tomaşaçylaryň sany 600 müňden 326 müňe çenli azaldyldy. Bu karar howpsuzlygy üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi dabara stadionda däl-de, Sena derýasynyň kenarynda geçiriler.



# TARYHDA ŞU GÜN

**1892-nji ýylyň 15-nji martynda ABŞ-da, oýlap tapyjy Jessi Reno «adamlary daşamak üçin hereket edýän basgançaga» – eskalatora patent alýar. Şeýlelikde, 1894-nji ýylda Nýu-Ýorkuň Koni-aýlend seýilgähinde eskalator oturdylýar. Soňlugy bilen eskalatorlar metrolarda we söwda merkezlerinde peýda bolýar.**



# PEKINDE ÄHLIHYTAÝ MASLAHATY GEÇIRILDI

5-11-nji mart aralygynda Halk wekilleriniň 14-nji çagyrylyşynyň ählihytaý maslahatynyň (iň ýokary kanun çykaryjy gurama) 2-nji mejlisi geçirildi. Pekiniň Halk maslahaty öýünde geçirilen dabara 2 müň 956 deputat, şol sanda Hytaýyň Başlygy Si Szinpin we beýleki resmi ýolbaşçylar gatnaşdy. Mejlisiň gün tertibi ýedi maddany öz içine aldy. Ilki bilen, kanun çykaryjylar Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Sýanyň hökümetiniň alyp barýan işleri we 2023-nji ýyldaky durmuş-ykdysady ösüş meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatyny diňlediler. Şeýle hem wekiller 2024-nji ýyldaky degişli taslamalar, 2023-nji ýyl üçin merkezi we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlar we olaryň şu ýylky taslamalary bilen tanyşdylar.

Mundan başga-da, Halk wekilleriniň ählihytaý maslahatynyň agzalary HHR-niň Döwlet Geňeşiniň guralyşy baradaky kanuna üýtgetmeler girizmek bilen baglanyşykly Hemişelik komitetiniň teklibine garadylar. Şeýle-de, maslahatyň Hemişelik komitetiniň, Ýokary Halk kazyýetiniň



we Ýokary Halk prokuraturasynyň alyp barýan işleri barada hasabatlar diňlendi. Kanun çykaryjylar döwrebaplaşdyryş, täze ýokary hilli öndürijilik güýçlerini ösdürmek, iş üpjünçiligi, halkara söwda we maýa goýum taslamalary, şol sanda «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy, şeýle hem ykdysadyýetiň hususy pudagynyň ösüşi we sosial üpjünçilik maksatnamasy bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Halk wekilleriniň ählihytaý maslahatynyň mejlisi her ýyl Pekinde geçirilýär, şol bir wagtyň özünde ýurduň iň ýokary geňeş guramasy bolan Hytaý halk syýasy geňeşiniň maslahaty bilen bir wagtda guralýar. Bu maslahat HHR-de iň möhüm syýasy wakalaryň biridir. Hepdäniň dowamynda häkimiýetiň wekilleri içerki we daşarky milli strategiýa bilen baglanyşykly möhüm meseleler babatda dürli kararlary kabul etdiler. Munuň netijesinde ýüze çykarylan hakykatlar nazara alnyp, döwletiň mundan beýläkki syýasy ugry kesgitlendi.

Halk wekilleriniň 14-nji çagyrylyşynyň ählihytaý maslahatynyň 2-nji mejlisiniň çäklerinde HHR-niň daşary işler ministri Wan Iniň metbugat ýygnagy guraldy.

– Hytaý 2023-nji ýylda Afrika, arap, Latyn Amerika we Aziýa-Ýuwaş umman sebit döwletleri bilen adamzadyň bitewi ykbally jemgyýetini gurmakda täze üstünlikleri gazandy. «Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň çäklerinde Pekinde 3-nji halkara hyzmatdaşlyk forumy guralyp, ol BRIKS döwletara birleşiginiň giňeldilmegine ýardam etdi. Hytaý geljekde hem açyklyga we inklýuziw diplomatiýa berk ygrarlydygyny görkezer, täze nusgadaky halkara gatnaşyklaryny gurmagy ilerleder we dünýäde hyzmatdaşlygyň gerimini giňelder, özara hormat goýmagy, dürli medeniýetleriň arasyndaky alyşmalary goldar, iri döwletler bilen gatnaşyklarda durnuklylygy saklar, goňşy ýurtlar bilen umumy ösüşi amala aşyrar hem-de ösüp barýan döwletleriň ählisiniň gülläp ösmegine ýardam eder – diýip, Wan I belledi.

Wan I Hytaýyň dünýäde parahatçylygyň, durnuklylygyň we ösüşiň bähbitleriniň goragynda durjakdygyny aýdyp, ýurduň halkara giňişligindäki wezipelerine umumy häsiýetnama berdi.

# Fon der Lýaýen esasy dalaşgär boldy

Ýewropanyň halk partiýasy (ÝHP) Ursula fon der Lýaýeni iýun aýynda Ýewropa parlamentine geçiriljek saýlawlara esasy dalaşgär hökmünde tassyklady.

– Biz halk partiýasy, şoňa görä, biz halky gyzyklandyrýan işleri edýäris – diýip, fon der Lýaýen Buharestde guralan partiýanyň gurultaýynda aýtdy. Ýewropanyň halk partiýasy parlamentdäki orunlaryň köpüsini alsa, Ursula fon der Lýaýeniň ýene bir möhlete Ýewropa Komissiýasynyň başlygy bolup biljekdigi bellenilýär. Ýöne bu wezipe üçin ol saýlawdan öňki ýygnanyşyklarda we beýleki partiýalaryň öňdebaryjy dalaşgärleri bilen telewideniýede geçirilýän çekişmelerde bäsleşmeli bolar.

Onuň gaýtadan saýlanmak baradaky isleginiň 800-e golaý delegatyň, kanun çykaryjylaryň we ÝHP-niň liderleriniň, şol sanda Polşanyň Premýer-ministri Donald Tuskuň we Irlandiýanyň Premýer-ministri Leo Waradkaryň gizlin ses bermegi arkaly tassyklanandygy bellenilýär.

«Bu partiýa pikir soralyşyklarda öňdeligi eýeleýär, çaklamalara görä, ol Ýewropa parlamentindäki iň uly fraksiýa bolup galar. Bu bolsa, fon der Lýaýeni Ýewropa Komissiýasynyň başlygy wezipesine iň öňdebaryjy dalaşgär hökmünde orta çykarýar» diýlip, beýanatda bellenilýär.

Nemes syýasatçysy Ursula fon der Lýaýen Ýewropa Bileleşiginiň sammitiniň karary bilen



Ýewropa Komissiýasynyň başlygy wezipesini 2019-njy ýylyň 1-nji dekabryndan bäri dowam etdirýär. Ýewropa Komissiýasynyň başlygynyň indiki ygtyýarlyk möhleti 2024-nji ýylyň dekabryndan 2029-njy ýylyň noýabr aýyna çenli dowam eder. Ursula fon der Lýaýen Ýewropa Komissiýasynyň ilkinji zenan başlygy bolup, Žan Klod Ýunkeriň ornuna geçipdi. Ol Germaniýanyň öňki Kansleri Angela Merkeliň döwründe dürli wezipelerde, şol sanda, goranmak ministri bolup işledi.

# 16 ýyldan soň gaýtadan saýlandy

**Pakistanyň halk partiýasynyň egindeş başlygy Asif Ali Zardari Pakistanyň Prezidenti wezipesine saýlandy. Ol Pakistanyň Premýer-ministri Şahbaz Şerifiň ýolbaşçylygyndaky bileleşigiň hödürlän dalaşgäridir. Maglumatlara görä, Zardari saýlawlarda 411 saýlaw wekiliniň sesini aldy. Onuň bäsdeşi Mahmud Han Açakzaý bolsa, 181 sese eýe boldy.**

**Prezident saýlawlary 9-njy martda geçirildi. Pakistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, bu syýasy çäre parlament saýlawlaryndan bir aý soň ýa-da häzirki döwlet Baştutanynyň prezidentlik ygtyýarlygynyň gutarmagyna bir aý galanda geçirilýär.**

**8-nji fewralda Pakistanda Milli mejlise (parlamentiň aşaky palatasy) saýlawlar geçirildi, netijede Pakistanyň musulman ligasy 75 parlament ornuna eýe boldy. Pakistanyň halk partiýasy bolsa 54 orna eýe boldy. Şondan soň taraplar bileleşen hökümet döretmek barada ylalaşyk gazandylar.**

**Zardari 1955-nji ýylyň 26-njy iýulynda Pakistanyň Sind welaýatynda dünýä inýär. Onuň kakasy Hakim Ali Zardari işewür, syýasatçy, öz wagtynda korrupsiýa garşy göreş boýunça hökümet guramasyna ýolbaşçylyk edipdi.**

**Londonyň Ykdysadyýet we işewürlik mekdebinde bilim alan Asif Ali Zardari şol ýerde bakalawr derejesini alýar. Zardari 2008-2013-nji ýyllar aralygynda ýurduň**



**Prezidenti bolýar. Zardari 1987-nji ýylda Benazir Bhutto bilen durmuş gurýar. Bhutto şol wagtlar Pakistanyň halk partiýasynyň başlygy bolup, 1988-1990-njy we 1993-1996-njy ýyllar aralygynda hökümete ýolbaşçylyk edýär.**

**Ýatlap geçsek, 3-nji martda Pakistanyň musulman ligasynyň başlygy Şahbaz Şerif Pakistan Yslam Respublikasynyň täze Premýer-ministri wezipesine saýlandy.**

# Kemeron Merkezi Aziýa sapar etmekçi

Beýik Britaniýanyň daşary işler we halkara ösüş ministri Dewid Kemeron Merkezi Aziýa sapar etmegi meýilleşdirýär. Bu barada «Azon Global» web saýty Kemeronyň ýurduň parlamentinde eden çykyşyna salgylanyp, habar berdi.

– Biz bütin dünýäde bileleşikdir hyzmatdaşlyk ulgamlarymyzy berkitmäge tagalla edýäris. Şoňa görä, Merkezi Aziýa özara hyzmatdaşlygy berkitmek üçin iň amatly sebitleriň biridir. Men Merkezi Aziýanyň dürli sebitlerinde bolup, pudaklar, kärhanalar, jemgyýetçilik guramalary we bilim edaralary bilen tegelek stol maslahatlaryny geçirmegi meýilleşdirýärin – diýip, Beýik Britaniýanyň daşary işler we halkara ösüş ministri Dewid Kemeron çykyşynda belledi.

2023-nji ýylyň noýabr aýynda Beýik Britaniýanyň daşary işler boýunça parlament komiteti «Beýik Britaniýanyň Merkezi Aziýa bilen aragatnaşygy» atly hasabatyny çap etdi. Hasabatda Beýik Britaniýanyň Merkezi Aziýa bilen aragatnaşygyny çuňlaşdyrmagynyň zerurdygyna üns çekilip, bu hyzmatdaşlygyň özara peýdaly bolmak mümkinçiligine we geosyýasy zerurlygyna ähmiýet berilýär.

Resminamada Merkezi Aziýa ýurtlarynyň her biri



bilen aragatnaşyklary pugtalandyrmakda özara bähbitleriň mümkinçiligi nazara alnyp, üýtgeýän geosyýasy, demografik, ykdysady we daşky gurşaw şertlerinde şeýle gatnaşyklary berkitmegiň zerurdygy bellenilýär.

# HEÝKELIŇ BIR BÖLEGI TAPYLDY

Müsüriň we ABŞ-nyň arheologlary Müsüriň Minýa şäheriniň günortasynda geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda beýikligi takmynan, 3,8 metr bolan Ramses II äpet heýkeliniň ýokarky böleginiň üstünden bardylar. Bu barada Müsüriň Syýahatçylyk we gadymy ýadygärlikler ministrligi habar berdi. Nil derýasynyň günbatar kenarynda ýerleşýän El-Aşmuneýn şäheri gadymy Müsürde Hemnu ady bilen tanalyp, grek-rim döwründe bolsa Germopol diýlip atlandyrylypdyr.

Missiýanyň Müsür toparynyň başlygy Bassem Jihadyň pikiriçe, heýkeliň yzky sütüniniň ýokarsynda gadymy Müsüriň güýçli faraonyny wasp



edýän ieroglif ýazgylar bar. Beýik Ramses diýlip hem atlandyrylýan bu hökümdar, Müsüriň XIX neberesiniň üçünji faraony bolup, biziň eýýamymyzdan öň 1279-1213-nji ýyllarda hökümdarlyk edipdir.

Müsüriň gadymy ýadygärlikler boýunça geňeşiniň başlygy Mustafa Waziri, heýkeliň ýokarky böleginiň nemes arheology Gýunter Roýder tarapyndan 1930-njy ýylda ýüze çykarylan aşaky bölegine laýyk gelýändigini tassyklady. Heýkeliň ulylygy, aşaky bölegini hem goşmak bilen, takmynan, 7 metre ýetip biler.

Waziri iki bölek seplenende olaryň biri-birine gabat gelmegi üçin häzirki wagtda öňünden arassalaýyş işleriniň geçirilip başlanandygyny habar berdi.

# MÖHLETINDEN ÖŇKI SAÝLAWLAR

10-njy martda Portugaliýada nobatdan daşary saýlawlar geçirildi. Bu saýlawlarda ýurduň parlamentiniň 230 wekili saýlandy. Ilkibaşda ses berişligi 2026-njy ýylda geçirmek meýilleşdirilipdi, ýöne 2023-nji ýylyň noýabr aýynda Portugaliýanyň Prezidenti Marselu Rebelu de Souza parlamenti ýatyryp, ýurtda möhletinden öň saýlawlary geçirmek baradaky kararyny mälim etdi. Bu karar Premýer-ministr Antoniu Koşta işinden çekiljekdigini aýdanyndan soň kabul edildi.

Saýlawlara gatnaşyk 65,4 göterimden geçdi. 2022-nji ýylda bu görkeziji 51 göterim bolupdy. Saýlawlaryň netijelerine görä, Sosial-demokratik partiýanyň başlygy Luiş Montenegrunyň ýolbaşçylygyndaky merkezi sagçy Demokratik bileleşiginiň öňde barýandygy belli boldy. Bileleşik 29,5 göterim sese eýe boldy. Ikinji ýerde 28,5 göterim ses bilen Koştanyň Sosialistik partiýasy gelýär. Ondan soň, 18,6 göterim ses bilen netijelerini ep-esli gowulandyran aşa sagçy syýasy güýç bolan «Chega» partiýasy gelýär. Bu partiýa seslerini iki essä golaý artdyrmagyň hötdesinden geldi.

Indi Portugaliýanyň täze Premýer-ministriniň ýeňşiniň doly tassyklanmagy üçin onuň partiýasy parlamentdäki orunlaryň absolýut köplügine eýe bolmaly. Bu başa barmadyk halatynda, partiýanyň agzalary ýurduň parlamentindäki beýleki syýasy güýçler bilen goldaw barada gepleşik geçirmeli bolar.

Möhletinden öň geçirilen bu saýlawlar soňky iki ýylda ikinji gezek guralýar. 2022-nji ýylyň ýanwar aýynda hem ses berişlik geçirilipdi. Şol döwürde hökümetiň 2022-nji ýyl üçin hödürlän býujet taslamasy ýurduň parlamenti tarapyndan



goldanylmandygy üçin saýlawlar geçirilipdi.

10 milliondan gowrak ilatly Portugaliýa Respublikasy Pireneý ýarym adasynyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän kontinental Ýewropanyň iň çetki günbatar döwletidir. Ýurt demirgazyk gündogarda Ispaniýa bilen serhetleşýär, günorta günbataryny Atlantik ummany ýuwýar. Portugaliýa dünýäniň ösen ýurtlarynyň biri bolup, 1910-njy ýylda unitar döwlet gurluşyna geçdi. Ýurt 1986-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri Ýewropa Bileleşigiň agzasy bolup, Şengen we ýewro sebitinde ýerleşýär.



# GÖKDIRÄNIŇ BEÝIKLIGI 2 MÜŇ METR BOLAR

**Beýik Britaniýanyň «Foster+Partners» binagärlik kompaniýasy Saud Arabystanynda dünýäniň iň beýik gökdiräniniň gurluşygynyň taslamasyny işläp düzýär. Maglumatlara görä, gökdiräniň beýikligi 2 müň metr bolup, onuň beýikligi dünýäniň iň beýik binasy – Dubaýdaky 828 metrlik Burj-Halifadan hem has beýik bolar. Gökdirän Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadyň demirgazygyndaky Halkara howa menziliniň golaýynda gurlar.**

**Geçen ýyl Saud Arabystanynyň döwlet maýa goýum gaznasy Er-Riýadda şunuň ýaly gökdiräni gurmak meýilnamasyna seredilýändigini habar beripdi. Bilermenleriň çaklamalaryna görä, taslamanyň bahasy, takmynan, 5 milliard dollara barabar bolar. Häzirki wagtda patyşalygyň paýtagtyndaky iň beýik bina 385 metr beýiklikdäki «PIF Tower» diňidir.**



**Bulardan başga-da, «Foster+Partners» kompaniýasy häzirki wagtda Halkara howa menziliniň, Gyzyl deňziň kenaryndaky şypahana üçin niýetlenen howa menziliniň hususy terminaly we dispetçer diňi ýaly beýleki taslamalaryň üstünde hem işleýär. Şeýle hem bu şypahananyň çäklerinde ady agzalan kompaniýa myhmanhananyň we «dünýäniň ilkinji çuňňur deňiz durmuşy merkeziniň» taslamalaryny işläp düzýär.**

**Geçen ýylyň güýzünde Saud Arabystany dünýäniň iň beýik binasynyň gurluşygynyň täzeden başlanandygyny – Jiddada gurulýan «The Jeddah Tower» binasynyň beýikliginiň 1000 metrden geçjekdigini habar beripdi. Taslama «Jeddah Economic Company» (JEC) tarapyndan durmuşa geçirilýär. «The Jeddah Tower» binasynyň Dubaýyň «Burj-Halifa» gökdiräninden 172 metr beýik boljakdygy habar berilýär.**

# Dogruçyl bolmagy öwretmegiň 5 USULY



**Çagalara dogruçyl bolmagy öwretmek olaryň jemgyýetçilik gatnaşygy we duýgy taýdan ösüşi üçin örän möhümdir. Çagalaryň dogrusyny aýtmagy we dogry hereket etmegi öwrenmeginde esasy wezipe ene-atalara hem-de terbiýeçi hünärmenlere degişlidir. Dogruçyllyk terbiýesi çaga doglan gününden başlap, kämillik ýaşyna ýetýänçä yzygiderli gözegçilikde saklanmaly. «Görümiň näme bolsa, göreldäň şol» diýlişi ýaly, çagalara dogruçyl häsiýetli adamlary nusga görkezmek we olaryň adamlar bilen gatnaşygyny mysal getirmek, şeýle hem özüňiziň şahsy görelde bolmagyňyz arkaly çaganyň dogruçyllyk duýgusyny terbiýelemeli. Ýalan sözlemezlik, islendik ýagdaýda dogryňy aýtmak gowy häsiýetleriň biri bolup, bilermenler çagalarda dogruçyllyk endigini ýola goýmagyň 5 usulyny hödürleýärler.**

**Görelde bolmak.** Çagalar töweregindäki ulularyň özüni alyp barşyna syn etmek arkaly köp zatlary öwrenýärler. Şol sebäpli, ilki bilen, maşgala gatnaşygynda dogruçyllygy görkezmek örän möhümdir. Munuň üçin ene-ata we ulular hormat-sylagly bolmaly, biri-birini aldamaly däl, şeýle hem ýalan gürrüňleri we bolmajak zatlary aýdyşmaly däl. Bu çaganyň ösüşi üçin derwaýys bolup, maşgala gymmatlygyna we maşgala agzalaryna hormat goýmagyna hem-de görelde almagyna ýardam eder. Çagalara kiçilikden ýalňyşlygy boýun almagy hem-de dogruçyl adamlaryň göreldesine eýermegi öwretmeli.

**Dogruçyl bolmagyň artykmaçlygyny öwmek.** Çagalar hakykaty aýdanda, onuň dogruçyllygyny ykrar etmeli hem-de munuň gowy häsiýetdigini öwmeli. Mysal üçin, çaga öýde hiç kim ýok wagty gap-gaç döwen bolsa hem-de ol hakykaty aýdyp, eden işini boýun alsa, onda oňa käýemeli däl-de, sagbolsun aýtmaly. Şeýle ýagdaýda çaga ýalňyşlyklaryny düzedip, kämil ynsan bolup ýetişer hem-de islendik ýagdaýda hakykaty aýtmagy endik eder.

**Aldamagyň netijesini düşündirmek.** Çagalar kiçilikde ýalan bilen çynyň parhyna düşünip bilmeýärler. Olar hakykaty aýtmakdan çekinip ýa-da temmi berilmeginden gorkup aldap bilerler. Şeýle-de bolsa, çagalara ýalan sözlemegiň erbet häsiýetdigini, özüne hem-de daş-töweregine zyýan berjekdigini düşündirmeli. Ýalan sözleýänleri köpçüligiň halamaýandygyny, dostunyň bolmaýandygyny hem-de oňa hiç kimiň ynanmaýandygyny ertekilerdir rowaýatlaryň üsti bilen mysal getirmeli.

**Kynçylyklary dogry ýol bilen ýeňmegi öwretmek.** Käte çagalar kyn ýagdaýa düşende ýalan sözläp başlaýarlar. Mysal üçin, käbir çaga mekdepde pes baha alanda mugallymyny günäkärleýär. Çagalara kiçilikden kynçylyga döz gelmegi hem-de islendik meseläni dogry usul bilen çözmegi öwretmeli. Şeýle hem kyn ýagdaýlarda ulylardan kömek soramagyň we maslahatlaşmagyň artykmaçlygyny mysallar bilen düşündirmeli. Kiçijik ýalanlaryň geljekde uly kynçylyklara getirýändigini düşündirmeli.

**Garaşylýan zatlary kesgitlemek.** Çagalaryň arzuwlarynyň köp bolşy ýaly, garaşýan zatlary hem köp bolýar. Emma olaryň garaşýan zatlary toslama hem bolup biler. Mysal üçin, çagalaryň ertekilerdäki ýa-da multfilmlerdäki käbir zatlary dogry diýip hasaplamagy we oňa garaşmagy, köp babatda täsirini ýetirip bilýär. Çagalara durmuşda garaşýan zatlaryndan we isleg-arzuwlaryndan dogrularyny saýlamagy öwretmeli. Çagalar garaşýan zadyna düşünmegi we netije çykarmagy başarmaly.

Has kiçi ýaşly çagalar görýän düýşlerini hakyky durmuş bilen tapawutlandyryp bilmeýärler. Şeýle bolansoň, gören düýşüni hakykat bilen garyşdyrýarlar. Käte bolsa, çagalaryň eşiden zadyna ýalňyş düşünip, ony nädogry aýtmagy mümkin. Ata-eneler çaganyň aýdýan zadynyň dogry däldigine göz ýetiren halatynda, onuň anygyna ýetmäge çalyşmaly. Islendik ýagdaýda çaga kemsidilmeli däl. Çagalara dogruçyl bolmagyň ähmiýeti düşündirilmeli. Olar bilen ýakyndan gyzyklanmak, duýgudaş bolmak, joralaryny, dostlaryny, mugallymlaryny tanamak hem-de günüň dowamynda eden işleri barada soramak hem çagalaryň özlerini dogry alyp barmaklaryna ýardam berer.

## 15-nji mart –
# BÜTINDÜNÝÄ UKY GÜNI

Bedene dynç bermek, immuniteti güýçlendirmek hem-de pikirleri täzelemek üçin uklamak zerur. Uky durmuşda adaty zatlaryň biri ýaly bolup görünse-de, adam üçin, janly-jandarlaryň islendigi üçin örän derwaýysdyr. Bilermenleriň bellemegine görä, çagalar her gün 9-12 sagat, uly ýaşlylar 7-8 sagat uklamaly. Bütindünýä uky gününiň bellenilip geçilmegi geň görünýän hem bolsa, dünýäde ukusyzlykdan ejir çekýänleriň sany az däl.

**TARYHY**

Bütindünýä uky güni 2008-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän halkara çäreleriň biridir. Her ýyl bahar paslynda gije-gündiziň deňleşýän gününiň (21-22-nji mart) öňýanyndaky anna gününde Bütindünýä uky güni bellenilip geçilýär. Bütindünýä uky güni ukusyzlykdan ejir çekýänlere ýardam etmek, uky ýetmezçiligine getirýän keselleri bejermek maksady bilen yglan edilýär. Bu halkara baýramçylyga 70-den gowrak ýurt gatnaşyp, dünýäniň dürli künjeginde toparlaýyn lukmançylyk maslahatlarydyr ýüzlerçe çäre geçirilýär. Tehnologiýa taýdan ösen häzirki döwrüň esasy meseleleriniň biri hem uky bozulmalary hem-de uky ýetmezçiligidir. Daşky gurşaw, iş şerti, saglyk ýagdaýy hem-de maşgala aladalary ukynyň hiline täsir edýär. Amerikan uky birleşiginiň habaryna görä, häzirki wagtda 50-70 milliondan gowrak adam uky bozulmalaryndan, 25 milliondan gowrak adam bolsa, ukusyzlyk keselinden ejir çekýär. Bu ýyl «Global saglyk üçin uky deňligi» şygary astynda geçirilýän Bütindünýä uky gününde saglyk meselelerini ara alyp maslahatlaşmak, uky bozulmalaryna getirýän sebäpleri tapmak, bejermek we öňüni almak maksat edinilýär.

**BÜTINDÜNÝÄ UKY GÜNÜNI NÄHILI GEÇIRMELI?**

Bütindünýä uky gününi, elbetde, ýatyb-a geçirip bolmaz. Bu gün her kim özüne dynçlyk we rahatlyk berýän pişesi bilen meşgullanmaly. Öý we şahsy arassaçylyk işlerini ýerine ýetirmeli. Sagdyn




uky üçin, ilki bilen, arassaçylyk zerurdyr. Esasan hem, ýatylýan otagy we ýorgan-düşekleri arassalamak Bütindünýä uky gününde edilmeli esasy işleriň biridir. Belläp geçsek, bilermenler irden turan badyňa ýorgan-düşegi ýygnamagyň zyýanlydygyny aýdyp, penjiräni açyp, ýatylýan otagyň howasy çalşandan soň, ýorgan-düşekleri ýerli-ýerine goýmagy maslahat berýärler. Öýleri howalandyrmak hem kadaly uky üçin zerurdyr. Bütindünýä uky gününde özüňize görä gün tertibini düzmeli. Fiziki işjeňligi artdyryp, wagtly-wagtynda dynç almaga we kadaly uklamaga endik etmeli. Iş arasynda birnäçe gezek arakesme edip, arassa howadan dem almaga üns bermeli. Kadaly uklamak üçin, esasan hem, agşamara elektron enjamlardan uzaklaşmaly. Ýatylýan otagyň temperaturasyny 16-19 dereje aralygynda salkyn saklamaly. Ýatmazdan ozal beýnini köşeşdirmek üçin kitapdyr çeper eserleri okamaly.

# ROSINÝA – Braziliýanyň «çyrmaşyk» şäheri

Rio-de-Žaneýronyň günortasyndaky Rosinýa Braziliýanyň iň gür ilatly şäherleriniň biridir. Günorta kenardan bir kilometr çemesi uzaklykda ýerleşýän Rosinýanyň köp bölegi dik depäniň üstünde ýerleşip, daş-töweregini tokaýlyklar gurşap alýar. Şäherçäniň tutýan meýdany 144 gektara barabar bolup, bu ýerde 70 müň töweregi adam ýaşaýar. Şäherleşme netijesinde kiçijik obadan uly şähere öwrülen Rosinýada jaýlaryň hemmesi diýen ýaly betondan we kerpiçden üst-üstüne gurlupdyr. Jaýlaryň aglaba bölegi 3-4 gatly bolup, şäherde jemgyýetçilik guramalarynyň, bank şahamçalarynyň, iş kärhanalarynyň binalary, awtobus duralgalary bar. Rio-de-Žaneýro şäherine gezelenje barýan syýahatçylar Rosinýany «şäherdäki şäherçe» diýip atlandyrýarlar.



Rosinýa ösüş derejesi boýunça Rio-de-Žaneýro şäherine degişli 126 etrabyň arasynda 120-nji orny eýeleýär. Arassaçylyk taýdan pes hasaplanýan Rosinýa şäheri ilatynyň gürlügi bilen beýleki şäherlerden tapawutlanýar. Şäherde amatly jemgyýetçilik hyzmatlary hödürlenip, ilat agyz suwy we elektrik energiýasy bilen üpjün edilýär. Köpleriň «Braziliýanyň harabalygy» diýip baha berýän şäherinde motosikl sürmek «özüňi oňarmaklygy» aňladýar. Soňky ýyllarda käbir howpsuzlyk düzgünleri ýola goýlan Rosinýada syýahatçylar üçin çäkli gezelençler guralýar. Şähere her gün 150-600 töweregi daşary ýurtly baryp görýär. «Çyrmaşyk» şäherde bikanun hereketleriň köpdügi sebäpli, syýahatçylara köp babatda çäklendirmeler girizilýär.

Şäherde brazil aşhanasyna degişli nusgalyk tagamlary görmek bolýar. Şäherde iň köp iýilýän tagam koşinýa bolup, towuk budunyň daşyna owradylan çörekdir üwelen towuk eti dolanyp, ýagda gowrulyp taýýarlanylýar. Mundan başga-da, şäherde towukly, mekgejöwenli, noýbaly, peýnirli we gök önümli naharlar has köp iýilýär.

Mirante açyk restorany, «Parque Lage» seýilgähi, Tižuka tebigy seýilgähi, Ertirki gün muzeýi, Leblon kenary, Selaron basgançagy, asma ýoly şäherçäniň meşhur ýerleridir. Rosinýa barada edebi eserler hem ýazylyp, şäheriň meşhur ýerlerinde birnäçe kino surata düşürildi. Olardan «Geň galdyryjy Halk» (The Incredible Hulk, 2008) hem-de «Forsaž 5» (Fast Five, 2011) filmindäki käbir sahnalary mysal getirmek bolar.

# ÇAGALAR

**Kömelegiň dünýäde 14 müň görnüşi bolup, 2 müňden gowragy iýmäge ýaramly hasaplanýar.**

# ÝAZKY DYNÇ ALŞY nähili geçirmeli?!

**Ýaz paslynyň gelmegi bilen türkmen topragy güneşli günlere, al-elwan güllere beslenip, tebigat ýaşyl begresini geýdi. Bahar pasly hyjuwlylygyň, joşgunlylygyň pasly bolup, adamlaryň göwnüni göterýär, täze üstünliklere ruhlandyrýar. Köpleriň, esasan hem, çagalaryň iň gowy görýän möwsümi bolan bahar paslynda agaçlar pyntyklaýar, otlar gögerip, güller açylýar, mör-möjekler oýanyp, daş-töwerek alaýaza öwrülýär. Şadyýan çagalar toparlanyşyp, owadan meýdanlarda dürli oýunlary oýnaýarlar, kömelek çöpleýärler, owlak-guzulara ot ýygýarlar. Bu pasylda mekdep okuwçylary ýazky dynç alşa hem çykýarlar. Eýsem, siz ýazky dynç alşy talabalaýyk we peýdaly geçirmek üçin birnäçe düzgünleri berjaý etmelidigini bilýäňizmi?!**



Ilki bilen möwsüme görä geýinmeli. Bu pasylda çyglylygyň güýçlenýändigi sebäpli, suw geçirmeýän aýakgaplary we egin-eşikleri geýmeli. Ýagşyň aşagynda köp gezmekden saklanmaly. Ýaz paslynda mör-möjekleriň oýanyp, işjeňliginiň artýandygy üçin ýapyk egin-eşikleri geýmäge üns bermeli. Ulularyň gözegçiligi we rugsady bolmazdan, meýdana çykmakdan, esasan hem, tebigatyň gözel künjeklerinde dynç almaga gitmekden saklanmaly. Maşgala agzalary bolup, meýdana gezelenje gidilende, tanamaýan mör-möjegiňi we ot-çöpleri ellemekden gaça durmaly.

Ýaz paslynyň iň gowy güýmenjeleriniň biri hem kömelek çöplemekdir. Megerem, kömelek çöplemegi hemmäňiz gowy görýän bolsaňyz gerek. Emma tebigatda zäherli we ýaramsyz kömelekleriň bardygy sebäpli, öňüňden çykanyny almakdan saklanmaly. Şeýle hem kömelek çöplenýän wagty onuň düýbünde mör-möjekleriň bukulýandygyny hem ünsden düşürmeli däl. Şol sebäpli ilki taýajyk bilen kömelegi eýläk-beýläk yrgyldatmaly, soňra sebede salmaly.

Meýdana çykylanda güllerden çemen bogmagy hem köpiňiz halaýansyňyz. Emma käbir güllerdir ösümlikler zäherlenmä ýa-da allergiýa sebäp bolup biler. Şonuň üçin gül ýygnanyňyzda ululardan kömek soramagy we ösümlikleriň atlaryny öwrenmegi ýatdan çykarmaň!

Ýaz paslynda ýyldyrymyň köp çakýandygy sebäpli, batbörek uçurmagy wagtlaýynça çäklendirmeli. Muňa derek ulag serişdeleriniň hereketi bolmadyk ýerlerde dostlaryňyz bilen welosipedli, samokatly gezelençleri gurap bilersiňiz. Şeýle hem köpçülikleýin oýunlary oýnap bilersiňiz.

Ýaz paslynda kanaldyr ýaplara suwuň gelmegi bilen ekerançylyk işlerine gyzgalaňly girişilýär. Oba ýerlerinde ýaşaýan çagalar suwuň ýakasynda oýnamagy, balyk tutmagy gowy görýärler. Şeýle-de bolsa, howpsuzlyk düzgünlerini ýatdan çykarmaly däl. Bahar paslynda howanyň salkyndygy sebäpli, akar suwlara düşmekden we palçyk oýnamakdan saklanmaly.

Ýazky dynç alyş möwsüminde öý işlerine kömekleşmeli, mekdepden berlen ýumuşlara taýýarlanmaly hem-de çeper eserleri okamaly. Surat çekmek, goşgy düzmek ýaly döredijilik işleri bilen hem meşgullanyp bilersiňiz.

# Maksatlaryň üçin göreş!

Tymsal



Bir sapar ogly kakasynyň ýanyna maslahata gelipdir:

– Kaka, görýän welin, meňki ýene-de ugruna bolanok. Bu türgenleşikler diňe surnukdyrýar, netijeler bolsa, üýtgänok. Göwnüme bolmasa, men futbol üçin ýaradylmadyk ýaly, meniň arzuwlarym bolsa, amala aşjaga meňzänok.

Kakasy ogluna seredip, hoşamaýlyk bilen şeýle diýipdir:

– Bilýäňmi, oglum, durmuşda her bir adamyň arzuw-islegleri, maksatlary bolýar. Hut şolar hem bize söýýän işimizi etmäge güýç berýär, sebäbi ol şeýle hem bolaýmaly. Öz ynanýan, halaýan zadyň üçin göreşmek gerek. Eger şeýle etmeseň, diňe synmak bilen bolarsyň. Bir ýykyldyňmy, onsoň galyp bilmersiň. Ähli zady taşlap, soňuna çenli alyp gitmezlik iň aňsady, çünki ýollar çarkandakly, bizem oňaýsyzlyk bilen öwrenişmedik. Biz ähli zadyň ýeňillik bilen dessine bolmagyny isleýäris. Şunlukda, biziň arzuwlarymyz ölýär, maksat bolsa, elýeterden has uzakda galýar. Durmuş kem-kemden manysyz boş bir zada dönýär. Netijede, biz ähli zady unudyp, täzeden başlamagy ýüregimize düwýäris hem-de durmuşymyzy başgaça guramak maksady bilen täze bir güne garaşýarys. Ýöne biziň ýolumyzda täze päsgelçilikler peýda bolýar we biz ýene-de säginýäris. Onsoň bizi öz gowşaklygymyz sebäpli lapykeçlik, sussupeslik we gahar-gazap gurşap alýar. Şonuň üçin hiç haçan boýun synmaly däldigiňi, öňde goýan maksatlaryňa ýetmek üçin göreşmelidigiňi unutmaly dälsiň. Seniň haýsydyr bir bäsleşikde utulanlygyň möhüm däl. Durmuş dowam edýär. Seniň iň uly duşmanyň seniň içiňdäki işýakmazlygyň, gorkyň, şübhäň, ýaýdanjaňlygyňdyr. Öz arzuw-islegleriň esgeri, maksatlaryň serkerdesi bolgun, oglum!

# Kömelek nädip gögerýär?



**Ýaz paslynda duş gelinýän täsin hadysalaryň biri hem ýerden güberilip çykýan kömeleklerdir. Eýsem, kömelek nädip çykýar?**

Ýerden gögerip çykýandygyna garamazdan, kömelek ösümlik hasaplanmaýar. Ösümlikler ýaly kömelekde fotosintez hadysasy bolup geçmeýär. Şol sebäpli kömelegiň gögermegi üçin ýagtylyk zerur däl. Telpekli iýmitiň ýerden çykmagy üçin garaňkylyk, çyglylyk we biraz gyzgynlyk gerek. Kömelek, esasan hem, adam aýagy kän basmadyk, ösümlik çüýrüntgileri köp bolan meýdanda peýda bolýar. Kömelegiň telpejiginiň aşagynda köpeliş sporalary bolýar. Çüýräp topraga garylan sporalar geljek ýyl ýaz paslynyň gelmegi bilen ýene-de gögerýär. Kömelegiň täze bir ýerde gögerip çykmagynda ýeliň, janly-jandarlaryň täsiri uludyr. Ýagny kömelek sporalary guşlaryň, käbir haýwanlaryň aýagyna ýapyşyp ýa-da ot-çöpe garyşyp gelip biler.

Ýazda ýagşyň köp ýagýandygy hem-de Ýere ýyly girýändigi sebäpli, bahar paslynda kömelege köp duş gelinýär. Tomus paslynda howanyň guraklygy sebäpli kömelek gögermeýär. Güýz paslynyň ýagynly günlerinde hem kömelek gögerýär, emma çyglylygyň pesdigi sebäpli, derrew çüýremek bilen bolýar. Kömelegiň ýokarky güberçegine telpek, ýere girýän uzyn bölegine bolsa göbek diýilýär.

**Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!**



**Krokodile basketbol meýdançasyna barmaga kömek ediň!**



**Iki suratyň arasynda näçe tapawut bar?**



**Gyzykly pursat**



# «OPPENHAÝMER» OSKARDA-DA BAÝRAKLARY TOPLADY

Kino sungatynyň iň abraýly baýragy hasaplanýan Oskar baýraklary gowşuryldy. 96-njy gezek geçirilen Oskaryň gowşurylyş dabarasyny belli komediýaçy Jimmi Kimmel alyp bardy. Dabarada aglaba ozaldan çaklanylýan filmdir artistler baýraga mynasyp boldy.


Emma Tomas, Kristofer Nolan, Çarlz Rowen

3,5 sagada golaý dowam eden dabarada ýylyň şowly filmi «Oppenhaýmer» esasy baýraklary gazanmagy başardy. Baýrak möwsüminde başdanaýak ähli guramalaryň diýen ýaly sylaglaryny çöpläp gelýän «Oppenhaýmer» filmi Oskar bilen baýrak möwsümini jemledi.

13 ugurdan dalaşgär görkezilen «Oppenhaýmer» filmi 7 ugur boýunça Oskara laýyk görüldi. Iň gowy film saýlanan ekran eserini surata düşüren Kristofer Nolan iň gowy režissýor diýlip saýlandy. Ussat režissýor ilkinji gezek Oskar baýragyna laýyk görüldi. «Oppenhaýmer» kinosy «Ýüzükleriň hökümdary: şanyň gaýdyp gelmegi» (The Lord of the Rings: The Return of the King, 2003) filminden soň iň gowy film diýlip, saýlanan iň köp girdeji gazanan 2-nji ekran eseri boldy.

Filmde baş keşbi janlandyran Killian Mörfi iň gowy aktýor, şeýle-de, Robert Dawni Junior ikinji plandaky iň gowy aktýor diýlip saýlandy. Filmde ýaňlanýan sazlaryň awtory, belli kompozitor Ludwig Goransson iň gowy saz baýragyna laýyk görüldi. «Oppenhaýmer» filmi tehniki ugurlar boýunça-da 2 baýrak gazandy. Filmiň operatory Hoýte wan Hoýtema hem-de montažçysy Jennifer Lame degişlilikde, iň gowy operator hem-de iň gowy montaž baýraklaryna mynasyp boldular.

Dabarada «Oppenhaýmerden» soň iň köp baýrak gazanan 2-nji kino «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) bolup, gresiýaly režissýor Ýorgos Lantimosyň bu özboluşly kinosy 4 heýkeljik aldy. Filmde baş keşbi janlandyran Emma Stoun iň gowy aktrisa baýragyna laýyk görlüp, «La La Lend» filminden soň 2-nji Oskaryny gazanmagy başardy. Ady agzalan film iň gowy çeperçilik bezegi, iň gowy makiýaž we saç bezegi hem-de iň gowy grim ugurlaryndan ýeňiji boldy.

96-njy Oskar dabarasynda 1-den köp baýrak gazanan 3 kinonyň iň soňkusy Jonatan Gleýzeriň «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) filmi bolup, ol iň gowy halkara film diýlip saýlandy. Şol sanda iň gowy ses baýragy hem bu filmiň tehniki işgärlerine gowşuryldy.

«Galdyrylanlar» (The Holdovers) filmindäki keşbi üçin Da'Win Joý Rendolf ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragyna mynasyp boldy.

Ssenariý baýraklary ýylyň şowly çykan 2 ekran eserlerine paýlandy. Iň gowy asyl ssenariý baýragyna «Ýykylmagyň anatomiýasy» filminiň ssenariçileri, ýagny şol sanda filmiň režissýory Žýustin Trie bilen onuň ýanýoldaşy Artur Harari laýyk görüldi. «Amerikan hekaýasy» filminiň ssenariçisi-de iň gowy adaptirlenen ssenariý baýragy bilen sylaglandy.

Ýaponiýaly ussat animeçi Haýao Miýazakiniň «Oglan we guş» atly animesi iň gowy animasiýa diýlen ugurda Oskara laýyk görüldi. Bu ekran eseri Oskar gazanan 2-nji anime hökmünde bellige alyndy.

Wes Andersonyň «Henri Şugaryň ajaýyp hekaýasy» (The Wonderful Story of Henry Sugar) atly filmi iň gowy gysga göwrümli film baýragyna laýyk görüldi. Deýw Mallins bilen Bred Bukeriň bilelikde surata düşüren «War Is Over! Inspired by the Music of John and Yoko» atly multfilmi iň gowy gysga göwrümli animasiýa diýlip saýlandy. «The Last Repair Shop» atly ekran eseri-de iň gowy gysga göwrümli dokumental film baýragy bilen sylaglandy.

Meşhur aýdymçy Billi Aýliş bilen dogany Finnesas O'Konnelliň bilelikde ýerine ýetiren «Barbi» filmindäki «What Was I Made For?» atly aýdymy iň gowy aýdym diýlip saýlandy. Billi Aýliş 2 ýyl öňem «No Time to Die» atly aýdymy bilen Oskar gazanypdy.

Iň gowy wizual effektler baýragy-da ýapon filmi «Godzilla minus bir» filminiň tehniki işgärlerine berildi.


Killian Mörfi


Emma Stoun


Robert Dawni Junior


Finneas O'Konnell bilen Billi Aýliş


Artur Harari bilen Žýustin Trie


Kristofer Nolan

## 96-njy Oskar baýraklarynyň ýeňijileri:

**Iň gowy film:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Iň gowy režissýor:** Kristofer Nolan – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Iň gowy aktýor:** Killian Mörfi – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Iň gowy aktrisa:** Emma Stoun – «Görgüli betbagtlar» (Poor Things); **Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Robert Dawni Junior – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Da'Win Joý Rendolf – «Galdyrylanlar» (The Holdovers); **Iň gowy asyl ssenariý:** «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute) – Žýustin Trie, Artur Harari; **Iň gowy adaptirlenen ssenariý:** «Amerikan hekaýasy» (American Fiction) – Kord Jefferson; **Iň gowy halkara film:** «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) – Jonatan Gleýzer; **Iň gowy animasiýa:** «Oglan we guş» (Kimitachi wa Do Ikiru ka) – Haýao Miýazaki; **Iň gowy gysga göwrümli dokumental film:** «The Last Repair Shop» – Ben Praudfut, Kris Bowers; **Iň gowy gysga göwrümli film:** «The Wonderful Story of Henry Sugar» – Wes Anderson, Stiwen Reýlz; **Iň gowy gysga göwrümli animasiýa:** «War Is Over! Inspired by the Music of John and Yoko» – Deýw Mallins, Bred Buker; **Iň gowy aýdym:** «What Was I Made For?» – «Barbi» (Barbie) – Billi Aýliş, Finneas O'Konnell; **Iň gowy saz:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Ludwig Goransson; **Iň gowy operator:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Hoýte wan Hoýtema; **Iň gowy montaž:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Jennifer Lame; **Iň gowy ses:** «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) – Tarn Willers, Jonni Börn; **Iň gowy çeperçilik bezegi:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Jeýms Praýs, Şona Hit, Suza Mihalek; **Iň gowy makiýaž we saç bezegi:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Nadia Steýsi, Mark Kulier, Joş Weston; **Iň gowy grim:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Holli Woddington; **Iň gowy wizual effektler:** «Godzilla minus bir» (Gojira Mainasu Wan ) – Takaşi Yamazaki, Kiýoko Şibuýa, Masaki Takahaşi, Tatsuži Nožima.

## Täze filmler

**Ady:** «Dýun: 2-nji bölüm» (Dune: Part Two); **Režissýory:** Deni Willnýow; **Keşplerde:** Timoti Şalame, Zendeýa, Rebekka Ferguson, Joş Brolin, Ostin Batler, Florens Pýu, Deýw Bautista, Kristofer Wolken, Lea Seýdu, Suheila Ýakub, Stellan Skarsgard, Şarlott Rempling, Hawier Bardem; **Ssenariçi:** Deni Willnýow, Jon Spaits (Frank Herbertiň «Dune» eseri esasynda); **Prodýuseri:** Meri Parent, Keýl Boýter, Patrik Mak-Kormik, Tanýa Lapoint, Deni Willnýow; **Kompozitory:** Hans Zimmer; **Öndüriji:** «Legendary Pictures»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures»; **Dowamlylygy:** 165 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 190 million $.



Frank Herbertiň adybir eseri esasynda ilkinjisi 2021-nji ýylda ekranlara çykan «Dýun» filminiň 2-nji bölümine hem kanadaly Deni Willnýow režissýorlyk edýär. 1-nji filmde surata düşen Timoti Şalame, Zendeýa, Rebekka Ferguson, Joş Brolin dagynyň hataryna Lea Seýdu, Ostin Batler, Florens Pýu, Şarlott Rempling, Suheila Ýakub ýaly artistler goşuldy. 190 million dollar çykdajy edilen 165 minutlyk film 380 million dollara golaý girdeji gazandy. Italiýadyr Wengriýa, BAE-de, Namibiýada ekranlaşdyrylan filmdäki wakalar 1-nji filmiň tamamlanan ýerinden dowam edýär.

**Ady:** «Kung-fu panda 4» (Kung Fu Panda 4); **Režissýory:** Maýk Mitçell; **Ssenariçi:** Jonatan Aibel, Glenn Berger, Darren Lemke; **Prodýuseri:** Rebekka Hantli; **Keşplerde (ses berenler):** Jäk Bläk, Awkwafina, Braýan Kranston, Jeýms Hong, Iýn MakŞeýn, Jonatan Ke Kuan, Dastin Hoffman, Wiola Dewis; **Kompozitory:** Hans Zimmer, Stiw Mazzaro; **Öndüriji:** «DreamWorks Animation»; **Paýlaýjy:** «Universal Pictures»; **Dowamlylygy:** 94 minut; **Görnüşi:** animasiýa, komediýa; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 85 million $.



Ilkinjisi 2008-nji ýylda çykan «Kung-fu panda» animasiýalarynyň 4-njisi ekranlarda peýda bolup, oňa Maýk Mitçell režissýorlyk edýär. 85 million dollar çykdajy edilen animasiýanyň gahrymanlaryna Jäk Bläk, Awkwafina, Braýan Kranston, Iýn MakŞeýn, Dastin Hoffman, Wiola Dewis ýaly artistler ses berýärler. Ilkinji hepdesinde çykdajysynyň öwezini dolan animasiýada Aždarha göreşijisi Po bilen ýoldaşlarynyň täze başdangeçirmesi çeper beýan edilýär.

15-nji krosswordyň jogaby:



16-njy krosswordyň jogaby:








17-nji KROSSWORD

Azym AMANNYÝAZOW, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.

## 1-nji duşuşyklaryň netijeleri



● UEFA Ýewropa Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary oýnalyp, «Liwerpul» myhmançylykda «Sparta Pragany» 5–1 hasabynda ýeňdi. «Marsel» «Wilýarrealyň», «Roma» «Braýtonyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. «Milan» bolsa «Slawiýany» 4–2 hasabynda utdy.

● *UEFA Ýewropa Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary:* **«Sparta Praga»—«Liwerpul»: 1–5** (Bredli 46 ö.d. — Mak Allister 6 p, Nunýes 25, 45+3, Diaz 53, Soboslai 90+4), **«Marsel»—«Wilýarreal»: 4–0** (Weretu 23, Moskuera 28 ö.d., Obameýang 42 p, 59), **«Roma»—«Braýton»: 4–0** (Dibala 13, Lukaku 43, Mançini 64, Kristante 68), **«Benfika»—«Reýnjers»: 2–2** (Di Mariýa 45+2 p, Goldson 67 ö.d. — Lawrens 7, Sterling 45+5), **«Fraýburg»—«West Ham»: 1–0** (Gregoriç 81), **«Sporting»—«Atalanta»: 1–1** (Paulinio 17 — Skamakka 39), **«Milan»—«Slawiýa Praga»: 4–2** (Žiru 34, Reinders 44, Loftus-Çik 45+1, Pulişiç 85 — Doudera 36, Şranz 65), **«Garabag»—«Baýer»: 2–2** (Benzia 26, Juninio 45+2 — Wirts 70, Şik 90+2)

● *UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary:* **«Serwett»—«Wiktori P.»: 0–0, «Aýaks»—«Aston Willa»: 0–0, «Molde»—«K. Brýugge»: 2–1** (Stenewik 43, Gulbrandsen 90+2 — Du Kuýper 85 p), **«Ýunion Sent-Žilluaz»—«Fenerbahçe»: 0–3** (Batşuaýi 20, Oosterwolde 84, Tadiç 90+4 p), **«Dinamo Zagreb»—PAOK: 2–0** (Petkowiç 37, 71), **«Şturm Gras»—«Lill»: 0–3** (Dewid 28, 51, Žegrowa 71), **«Makkabi Haýfa»—«Fiorentina»: 3–4** (Sek 12, Kinda 29, Halaili 67 — Nzola 2, Beltran 58, Mandragora 73, Barak 90+5), **«Olimpiakos»—«Makkabi Tel-Awiw»: 1–4** (El Kaabi 13 — Zahawi 4, 30, Şahar 9, Perets 74)

# Çempion täze möwsüme uly hasaply ýeňişler bilen başlady

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 2–3-nji tapgyrlaryň duşuşyklary geçirildi. 4 duşuşygyň 3-sinde myhmanlar ýeňiş gazandy.**

2-nji tapgyrda soňky çempion «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Altyn asyr» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. Gollary Arslanmyrat Amanow (14), Didar Durdyýew (27) hem-de Altymyrat Annadurdyýew (82) derwezä girizdi.



Şol hasap bilen «Aşgabat» topary-da myhmançylykda «Energetik» toparyny ýeňlişe sezewar etdi. Paýtagtyň adybir toparyna ýeňiş getiren gollary 3-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Hojanazar Gurbanow, 41-nji minutda Begmyrat Pirgulyýew hem-de 86-njy minutda Şatlyk Gurbanow geçirdi.

«Ahal» topary-da myhmançylykda ýeňiş gazanan klublaryň biri bolup, olar Maryda ýerli «Merwi» Ýazgylyç Gurbanowyň 56-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda üstün çykdy.

Balkan welaýaty derbisinde-de «Nebitçi» myhmançylykda «Şagadamy» 2–1 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda «Nebitçiniň» gollaryny 42-nji we 45+4-nji minutlarda Döwran Berdiýew geçirip, ýer eýelerinden Hydyrgeldi Atdjanowyň 53-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi.

3-nji tapgyrda häzirki çempion «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Nebitçiniň» derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollary 12-nji minutda Şanazar Tirkişow, 15-nji minutda Didar Durdyýew, 55-nji we 74-nji minutlarda Altymyrat Annadurdyýew hem-de 77-nji minutda Nazar Towakelow derwezä girizdi.

«Şagadam» toparyny Alibek Abdyrahmanowyň 90-njy minutdaky goly esasynda 1–0 hasap bilen ýeňen «Ahal» topary 3-nji duşuşygynda 3 utuk gazanmagy başardy. Duşuşygyň 82-nji minutynda «Ahaldan» Elman Tagaýew 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi.

«Aşgabat» topary-da «Merwi» öz meýdançasynda 1–0 hasabynda ýeňip, ýeke-täk goly 45+2-nji minutda Şatlyk Gurbanow tora saldy.

«Köpetdag» bilen «Energetik» toparlarynyň arasyndaky duşuşykda-da ýeňiş gazanan bolmady. Awdyresul Abdyýewiň 6-njy minutda geçiren goluna ýer eýeleri 60-njy minutda Orazmuhammet Işangulyýewiň goly bilen jogap berdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «AHAL» | 3 | 3 | 0 | 0 | 7–0 | 9 |
| 2 | «AŞGABAT» | 3 | 2 | 1 | 0 | 4–0 | 7 |
| 3 | «ARKADAG» | 2 | 2 | 0 | 0 | 8–0 | 6 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–4 | 3 |
| 5 | «NEBITÇI» | 3 | 1 | 0 | 2 | 2–7 | 3 |
| 6 | «MERW» | 3 | 1 | 0 | 2 | 1–2 | 3 |
| 7 | «KÖPETDAG» | 2 | 0 | 2 | 0 | 1–1 | 2 |
| 8 | «ENERGETIK» | 3 | 0 | 1 | 2 | 1–9 | 1 |
| 9 | «ALTYN ASYR» | 2 | 0 | 0 | 2 | 1–5 | 0 |

**2-nji TAPGYRYŇ NETIJELERI:**
**«Energetik»—«Aşgabat»: 0–3** */Hojanazar Gurbanow 3 p, Begmyrat Pirgulyýew 41, Şatlyk Gurbanow 86/*
**«Merw»—«Ahal»: 0–1** */Ýazgylyç Gurbanow 56 p/*
**«Şagadam»—«Nebitçi»: 1–2** */Hydyrgeldi Atdjanow 53 — Döwran Berdiýew 42, 45+4/*
**«Arkadag»—«Altyn Asyr»: 3–0** */Arslanmyrat Amanow 14, Didar Durdyýew 27, Altymyrat Annadurdyýew 82/*

**3-nji TAPGYRYŇ NETIJELERI:**
**«Arkadag»—«Nebitçi»: 5–0** */Şanazar Tirkişow 12, Didar Durdyýew 15, Altymyrat Annadurdyýew 55, 74, Nazar Towakelow 77/*
**«Ahal»—«Şagadam»: 1–0** */Alibek Abdyrahmanow 90/*
**«Köpetdag»—«Energetik»: 1–1** */Orazmuhammet Işangulyýew 60 — Awdyresul Abdyýew 6/*
**«Aşgabat»—«Merw»: 1–0** */Şatlyk Gurbanow 45+2/*

# Ýarym finalçylar belli boldy

**AFK Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň jogap oýunlary geçirilip, ýarym finala çykanlar belli boldy. Günbatar zolakda Ronaldonyň çykyş edýän «Al Nassr» toparyna ýarym finala çykmak başartmady.**

**Ronaldonyň topary ýaryşdan ir çykdy**

Çärýek finalyň jogap oýnunda öz meýdançasynda BAE-niň «Al-Ain» topary bilen duşuşan «Al Nassr» penaltileriň netijesinde asgyn geldi. 1-nji oýunda «Al-Ain» 1–0 topary «Al Nassr» toparyny hasabynda ýeňipdi. Çekeleşikli geçen jogap duşuşygynyň esasy wagty 3–2 hasabynda tamamlandy. «Al-Ain» topary 1-nji oýundaky ýeke-täk goly geçiren Rahiminiň 28-nji hem-de 45-nji minutlarda tapawutlanmagynda 2–0 öňe saýlandy. «Al Nassr» 45+5-nji minutda Garibiň goly bilen aratapawudy 1 gola düşürdi. 2-nji ýaryma gol bilen başlan «Al Nassr» topary Eisanyň 51-nji minutdaky awtogoly esasynda hasaby deňledi. Oýnuň 72-nji minutynda-da braziliýaly



goragçy Telles «Al Nassr» toparyny öňe çykardy. 2 oýnuň netijesi boýunça hasap deňlenip, goşmaça 30 minut oýnalmaly edildi. 103-nji minutda Al-Şamsi myhmanlaryň 3-nji goluny geçirdi. 118-nji minutda-da 60-njy minutda topy boş derweзä gönükdirip bilmedik Ronaldo penaltini dürs ýerine ýetirip, täzeden umumy hasaby deňledi. Oýundan soňky penaltilerde bolsa «Al Nassrda» diňe Ronaldonyň urgusy dürs bolup, Brozowiç, Telles, Otawio dagynyň urgulary takyk bolmady. Netijede, penaltilerde 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan argentinaly ozalky meşhur futbolçy Hernan Kresponyň tälim berýän «Al-Ain» topary ýarym finala çykdy.

**«Al Hilal» dünýä rekordyny täzeledi**

● «Al-Ain» toparynyň ýarym finaldaky garşydaşy-da Saud Arabystanynyň başga bir topary «Al Hilal» bolar. «Al Hilal» öz meýdançasynda «Al-Ittihady» 2–0 hasabynda ýeňipdi. Jogap duşuşygy hem şol hasap bilen «Al Hilalyň» peýdasyna tamamlandy. «Al Hilala» ýeňiş getiren gollary 61-nji minutda topardaky 400-nji duşuşygyny oýnan Al-Şahrani hem-de 90+5-nji minutda braziliýaly Malkom geçirdi. Şunlukda, «Al Hilal» topary ähli ýaryşlary hasaba alanyňda yzly-yzyna 28-nji duşuşygynda



ýeňiş gazanyp, dünýä rekordyny täzeledi. Soňky gezek sentýabr aýynda ýeňiş gazanyp bilmedik «Al Hilal» şondan bäri 3 ýaryşda (Saud Arabystanynyň çempionatynda, kubok ýaryşynda hem-de AFK Çempionlar Ligasynda) geçiren 28 duşuşygynda ýeňiş gazanyp, Uelsiň «Nýu-Seýnts» toparynyň 2017-nji ýylda goýan 27 oýunlyk yzly-yzyna ýeňiş gazanmak rekordyny täzeledi. «Nýu-Seýnts» topary bu ugurda «Aýaksyň» 44 ýyllyk rekordyny täzeläpdi.

* * *

Gündogar zolakda-da koreýleriň 2 klubunyň arasyndaky duşuşykda «Ulsan Hýundai» topary «Çonbuk Hýundai Motors» toparyny Seol Ýang Wunuň 45+2-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňdi. 1-nji duşuşykda ýeňiş gazanan bolmandy (1–1).



Ýaponiýanyň «Ýokohama F. Marinos» topary öz meýdançasynda-da Hytaýyň «Şandun Taişan» toparyny Antoni Lopesiň 75-nji minutda geçiren goly esasynda iň kiçi hasap bilen ýeňdi. Ýapon kluby 1-nji oýunda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

«Al-Ain» bilen «Al Hilalyň» arasyndaky ýarym final duşuşyklary 16-njy we 23-nji aprelde geçiriler. «Ulsan Hýundai» bilen «Ýokohama F. Marinos» klublary finala çykmak üçin 17-nji we 24-nji aprelde ýarym finalda özara duşuşarlar.



### HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

15-nji mart
**Köln – Leipsig (00:30)**

16-njy mart
**Darmştadt – Bawariýa (19:30)**
**Osasuna – Real Madrid (20:15)**
**Fulham – Tottenham (22:30)**
**Hoffenhaým – Ştutgart (22:30)**
**Man. Siti – Nýukasl (22:30)**
**Hetafe – Žirona (22:30)**

17-nji mart (ýekşenbe)
**Ýuwentus – Jenoa (16:30)**
**Kasympaşa – Galatasaraý (18:00)**
**Werona – Milan (19:00)**
**West Ham – Aston Willa (19:00)**
**Fraýburg – Baýer (19:30)**
**Wilýarreal – Walensiýa (20:15)**
**M. Ýunaýted – Liwerpul (20:30)**
**Borussiýa D – Aýntraht (21:30)**
**Roma – Sassuolo (22:00)**
**Atalanta – Fiorentina (22:00)**
**Trabzonspor – Fenerbahçe (22:30)**
**PSW – Twente (00:00)**
**Inter – Napoli (00:45)**
**Monpelie – PSŽ (00:45)**
**Atletiko – Barselona (01:00)**

# Werstappen 100-nji gezek ýeňiş münberine çykdy

Formula 1 boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirildi. Bahreýn «Gran Prisinden» soň bu bäsleşikde-de «Red Bull» topary goşa üstünlik gazandy.



Ýaryşda 50 aýlawy 1 sagat 20 minut 43,273 sekuntda geçen «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 1-nji orny eýeledi. Möwsümiň 1-nji ýaryşynda-da ýeňiş gazanan Werstappen karýerasy boýunça 100-nji gezek ýeňiş münberine çykdy (56 ýeňiş, 28 gezek 2-nji ýer, 16 sapar 3-nji orun). «Red Bulluň» meksikaly sürüjisi Serhio Peres topardaşyndan 13,643 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ýeňijiden 18,639 sekunt soň pellehanadan geçip, 3-nji ona mynasyp boldy.

«McLaren» toparyndan awstraliýaly Oskar Piastriniň 4-nji, «Aston Martin» toparynyň ispaniýaly piloty Fernando Alonsonyň 5-nji bolan ýaryşynda 6–7–8–9-njy orunlary britaniýaly sürüjiler paýlaşdylar. Ýagny Jorj Rassell («Mercedes») 6-njy, Karlos Saýns Juniora derek ilkinji gezek F1-de bäsleşen Oliwer Birman («Ferrari») 7-nji, Lando Norris («McLaren») 8-nji hem-de Lýuwis Hamilton («Mercedes») 9-njy orna mynasyp boldy. «Haas» toparynyň germaniýaly sürüjisi Niko Hulkenberg 10-njy bolup, ýaryşy 1 utuk bilen tamamlady.

Möwsümiň 3-nji ýaryşy 24-nji martda Awstraliýada geçiriler.

# Moto GP-de möwsümiň ilkinji ýaryşy



Moto GP boýunça täze möwsüme badalga berlip, ýylyň ilkinji ýaryşy Kataryň Lusail şäherinde geçirildi. 21 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi, soňky çempion Françesko Banaia ýeňiş gazandy. Ol 39 minut 34,869 sekuntda ýaryşy tamamlap, täze möwsüme ýeňiş bilen başlady. Bu onuň karýerasyndaky 19-njy ýeňşidir.

«Red Bull KTM Factory» toparynyň Günorta afrikaly sürüjisi Bred Baýnder ýeňijiden 1,329 sekunt yza galyp 2-nji, «Prima Pramac» toparynyň ispan piloty Horge Martin 3-nji ýeri eýeledi.

Moto GP boýunça 76-njy Dünýä çempionatynyň 2-nji ýaryşy 24-nji martda Portugaliýanyň Portiman şäherinde geçiriler.

# «Bawariýa» – «Maýns»: 8-1

**Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Baýer» öz meýdançasynda «Wolfsburg» toparyndan Tella hem-de Wirtsiň gollary esasynda 2–0 üstün çykyp, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirdi. Lewerkuzenliler ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 36 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Soňky 11 ýylyň çempiony «Bawariýa» öz meýdançasynda «Maýns» bilen duşuşdy. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Bawariýa» 8–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollaryň 3-sini Harri Keýn geçirip, ol çempionatda 4-nji het-trigini etdi. Keýniň geçiren gollarynyň sany 30-a ýetip, ol «Bundesligadaky» ilkinji möwsüminde bu görkezijä ýeten 2-nji futbolçy boldy. Duşuşykdaky beýleki gollary Goreska (2), Tomas Müller, Musiala hem-de Gnabri geçirdi. 3-nji ýerdäki «Ştutgart» topary hem galarly bolman, olar «Union Berlin» toparyny Girassi hem-de Fürihiň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. 4-nji ýer üçin göreşýän 2 topar «Borussiýa Dortmund» bilen «Leipsig» 25-nji tapgyry 2 golly ýeňişler bilen tamamladylar. «Borussiýa» myhmançylykda «Werderi» 2–1, «Leipsig» öz meýdançasynda «Darmştadt» toparyny 2–0 hasaplar bilen ýeňmegi başardy.**





Florian Wirts

**PREMIER LEAGUE (28) — 30 gol**

**M. Ýunaýted—Ewerton: 2–0** (Fernandeş 12 p, Reşford 36 p), **Bornmut—Şeffild Ýun.: 2–2** (Wattara 74, Ünal 90+2 — Hamer 27, Robinson 65), **Wulwerhempton—Fulham: 2–1** (Aýt-Nuri 52, Kerni 67 ö.d. — Iwobi 90+9), **Arsenal—Brentford: 2–1** (Raýs 19, Hawerts 86 — Wissa 45+4), **K. Palas—Luton: 1–1** (Mateta 11 — Wudro 90+6), **A. Willa—Tottenham: 0–4** (Meddison 50, Jonson 53, Son 90+1, Werner 90+4), **Braýton—N. Forest: 1–0** (Omabamidele 29 ö.d.), **West Ham—Börnli: 2–2** (Paketa 46, Ings 90+2 — Fofana 11, Mawropanos 45+1 ö.d.), **Liwerpul—Man. Siti: 1–1** (Mak Allister 50 p — Stounz 23), **Çelsi—Nýukasl: 3–2** (Jekson 6, Palmer 58, Mudryk 76 — Isak 43, Merfi 90)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 28 | 20 | 4 | 4 | 70-24 | 64 |
| 2 | LIWERPUL | 28 | 19 | 7 | 2 | 65-26 | 64 |
| 3 | MAN. SITI | 28 | 19 | 6 | 3 | 63-28 | 63 |
| 4 | ASTON WILLA | 28 | 17 | 4 | 7 | 59-41 | 55 |
| 5 | TOTTENHAM | 27 | 16 | 5 | 6 | 59-39 | 53 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 28 | 15 | 2 | 11 | 39-39 | 47 |
| 7 | WEST HAM | 28 | 12 | 7 | 9 | 45-49 | 43 |
| 8 | BRAÝTON | 28 | 11 | 9 | 8 | 50-44 | 42 |
| 9 | W. HEMPTON | 28 | 12 | 5 | 11 | 42-44 | 41 |
| 10 | NÝUKASL | 28 | 12 | 4 | 12 | 59-48 | 40 |
| 11 | ÇELSI | 27 | 11 | 6 | 10 | 47-45 | 39 |
| 12 | FULHAM | 28 | 10 | 5 | 13 | 40-44 | 35 |
| 13 | BORNMUT | 28 | 9 | 8 | 11 | 41-52 | 35 |
| 14 | K. PALAS | 28 | 7 | 8 | 13 | 33-48 | 29 |
| 15 | BRENTFORD | 28 | 7 | 5 | 16 | 40-52 | 26 |
| 16 | EWERTON | 28 | 8 | 7 | 13 | 29-39 | 25 |
| 17 | N. FOREST | 28 | 6 | 6 | 16 | 34-50 | 24 |
| 18 | LUTON TAWN | 28 | 5 | 6 | 17 | 41-59 | 21 |
| 19 | BÖRNLI | 28 | 3 | 5 | 20 | 27-62 | 14 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 28 | 3 | 5 | 20 | 24-74 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 18 |
| 2 | Olli WATKINS (Aston Willa) | 16 |
| 3 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 15 |
| 4 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 15 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 14 |

**LA LIGA (28) — 27 gol**

**Barselona—Malýorka: 1–0** (Ýamal 73), **Walensiýa—Hetafe: 1–0** (Duro 40), **Kadiz—Atletiko: 2–0** (Huanmi 24, 64), **Granada—R. Sosiedad: 2–3** (Uzuni 21 p, 45+3 — Sadik 33, Le Norman 80, Andre Silwa 85), **Žirona—Osasuna: 2–0** (Portu 13, Sawio 86), **Alawes—Raýo Wallekano: 1–0** (Gorosabel 44), **Las Palmas—Atletik: 0–2** (Guruseta 31, Koko 65 ö.d.), **Real Madrid—Selta: 4–0** (Winisius Junior 21, Guaita 79 ö.d., Dominges 88 ö.d., Arda Güler 90+4), **Betis—Wilýarreal: 2–3** (Rodriges 30, Willian 45+2 — Baena 40, Papastatopulos 48 ö.d., Serlot 67), **Almeriýa—Sewilýa: 2–2** (Embarba 38, Milowanowiç 90+5 — Lukebakio 81, Okampos 86)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 28 | 21 | 6 | 1 | 60-18 | 69 |
| 2 | ŽIRONA | 28 | 19 | 5 | 4 | 59-33 | 62 |
| 3 | BARSELONA | 28 | 18 | 7 | 3 | 57-34 | 61 |
| 4 | ATLETIKO M | 28 | 17 | 4 | 7 | 54-31 | 55 |
| 5 | ATLETIK B | 28 | 15 | 8 | 5 | 48-26 | 53 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 28 | 11 | 10 | 7 | 40-31 | 43 |
| 7 | BETIS | 28 | 10 | 12 | 6 | 34-31 | 42 |
| 8 | WALENSIÝA | 27 | 11 | 7 | 9 | 32-31 | 40 |
| 9 | LAS PALMAS | 28 | 10 | 7 | 11 | 29-31 | 37 |
| 10 | OSASUNA | 28 | 10 | 6 | 12 | 31-39 | 36 |
| 11 | WILÝARREAL | 28 | 9 | 8 | 11 | 46-51 | 35 |
| 12 | HETAFE | 28 | 8 | 11 | 9 | 36-42 | 35 |
| 13 | ALAWES | 28 | 8 | 8 | 12 | 26-33 | 32 |
| 14 | SEWILÝA | 28 | 6 | 10 | 12 | 35-42 | 28 |
| 15 | MALÝORKA | 28 | 5 | 12 | 11 | 24-35 | 27 |
| 16 | R. WALLEKANO | 28 | 5 | 11 | 12 | 23-38 | 26 |
| 17 | SELTA | 28 | 5 | 9 | 14 | 30-43 | 24 |
| 18 | KADIZ | 28 | 3 | 13 | 12 | 20-38 | 22 |
| 19 | GRANADA | 27 | 2 | 8 | 17 | 30-57 | 14 |
| 20 | ALMERIÝA | 28 | 0 | 10 | 18 | 27-57 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 16 |
| 2 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 15 |
| 3 | Artem DOWBYK (Žirona) | 14 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 14 |
| 5 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 14 |

**SERIE A (28) — 28 gol**

**Napoli—Torino: 1–1** (Kwarasheliýa 61 — Sanabriýa 64), **Sassuolo—Frozinone: 1–0** (Torstwedt 58), **Kaliari—Salernitana: 4–2** (Lapadula 12, Gaetano 40, Şomuradow 51, 76 — Kastanos 56, Majore 58), **Bolonýa—Inter: 0–1** (Bissek 37), **Jenoa—Monza: 2–3** (Gudmundsson 52, Witinýa 68 — Pessina 8, Mota 18, Maldini 80), **Leçce—Werona: 0–1** (Folorunşo 17), **Milan—Empoli: 1–0** (Pulişiç 40), **Ýuwentus—Atalanta: 2–2** (Kambiaso 66, Milik 70 — Koopmeýners 35, 75), **Fiorentina—Roma: 2–2** (Ranieri 18, Mandragora 69 — Auar 58, Llorente 90+5), **Lasio—Udineze: 1–2** (Janetti 49 ö.d. — Lukka 47, Zarraga 51)

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 28 | 24 | 3 | 1 | 70-13 | 75 |
| 2 | MILAN | 28 | 18 | 5 | 5 | 52-32 | 59 |
| 3 | ÝUWENTUS | 28 | 17 | 7 | 4 | 44-23 | 58 |
| 4 | BOLONÝA | 28 | 14 | 9 | 5 | 41-25 | 51 |
| 5 | ROMA | 28 | 14 | 6 | 8 | 54-35 | 48 |
| 6 | ATALANTA | 28 | 14 | 5 | 9 | 51-32 | 47 |
| 7 | NAPOLI | 28 | 12 | 8 | 8 | 43-32 | 44 |
| 8 | FIORENTINA | 28 | 12 | 7 | 9 | 41-32 | 43 |
| 9 | LASIO | 28 | 12 | 4 | 12 | 33-31 | 40 |
| 10 | MONZA | 28 | 10 | 9 | 9 | 31-36 | 39 |
| 11 | TORINO | 28 | 9 | 11 | 8 | 26-26 | 38 |
| 12 | JENOA | 28 | 8 | 9 | 11 | 31-36 | 33 |
| 13 | UDINEZE | 28 | 4 | 15 | 9 | 28-42 | 27 |
| 14 | WERONA | 28 | 6 | 8 | 14 | 25-36 | 26 |
| 15 | KALIARI | 28 | 6 | 8 | 14 | 29-49 | 26 |
| 16 | LEÇÇE | 28 | 5 | 10 | 13 | 25-45 | 25 |
| 17 | EMPOLI | 28 | 6 | 7 | 15 | 22-42 | 25 |
| 18 | FROZINONE | 28 | 6 | 6 | 16 | 35-57 | 24 |
| 19 | SASSUOLO | 28 | 6 | 5 | 17 | 33-55 | 23 |
| 20 | SALERNITANA | 28 | 2 | 8 | 18 | 23-58 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautaro MARTINES (Inter) | 23 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 15 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 12 |
| 4 | Paulo DIBALA (Roma) | 12 |
| 5 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 11 |

**BUNDESLIGA (25) — 32 gol**

**Ştutgart—Union Berlin: 2–0** (Girassi 19, Fürih 65), **Augsburg—Haýdenhaým: 1–0** (Gauweleuw 22), **Bawariýa—Maýns: 8–1** (Keýn 13, 45+7, 70, Goreska 20, 90+2, Müller 47, Musiala 61, Gnabri 66 — Amiri 31), **Borussiýa M—Köln: 3–3** (Onora 32, Hak 71, 73 — Alidu 7, 64, Dauns 79), **Leipsig—Darmştadt: 2–0** (Işerwud 3 ö.d., Baumgartner 50), **Werder—Borussiýa D: 1–2** (Nžinma 70 — Malen 21, Sanço 38), **Bohum—Fraýburg: 1–2** (Ordes 62 — Eggeştaýn 36, Gregoriç 53), **Aýntraht—Hoffenhaým: 3–1** (Koh 32, Ebimbe 50, Gýotse 64 — Bruks 6), **Baýer—Wolfsburg: 2–0** (Tella 37, Wirts 86)

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 25 | 21 | 4 | 0 | 63-16 | 67 |
| 2 | BAWARIÝA | 25 | 18 | 3 | 4 | 73-29 | 57 |
| 3 | ŞTUTGART | 25 | 17 | 2 | 6 | 57-31 | 53 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 25 | 13 | 8 | 4 | 50-31 | 47 |
| 5 | LEIPSIG | 25 | 14 | 4 | 7 | 55-31 | 46 |
| 6 | AÝNTRAHT | 25 | 10 | 10 | 5 | 41-32 | 40 |
| 7 | HOFFENHAÝM | 25 | 9 | 6 | 10 | 44-47 | 33 |
| 8 | FRAÝBURG | 25 | 9 | 6 | 10 | 34-45 | 33 |
| 9 | AUGSBURG | 25 | 8 | 8 | 9 | 40-41 | 32 |
| 10 | WERDER | 25 | 8 | 6 | 11 | 34-39 | 30 |
| 11 | HAÝDENHAÝM | 25 | 7 | 7 | 11 | 34-43 | 28 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 25 | 6 | 9 | 10 | 45-49 | 27 |
| 13 | WOLFSBURG | 25 | 6 | 7 | 12 | 30-41 | 25 |
| 14 | UNION BERLIN | 25 | 7 | 4 | 14 | 23-41 | 25 |
| 15 | BOHUM | 25 | 5 | 10 | 10 | 30-52 | 25 |
| 16 | KÖLN | 25 | 3 | 9 | 13 | 19-42 | 18 |
| 17 | MAÝNS | 25 | 2 | 10 | 13 | 20-46 | 16 |
| 18 | DARMŞTADT | 25 | 2 | 7 | 16 | 24-60 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 30 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 21 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 17 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 14 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 14 |

**LIGUE 1 (25) — 19 gol**

**Nissa—Monpelie: 1–2** (Boga 12 — Todibo 10 ö.d., Sawanie 42 p), **Loriýan—Lion: 0–2** (Taliafiko 52, Balde 65), **Lans—Brest: 1–0** (Agilar 32), **PSŽ—Reýms: 2–2** (Abdelhamid 17 ö.d., Ramuş 19 — Munetsi 7, Diakite 45), **Mets—Klermon: 1–0** (Mikautadze 33 p), **Strasbur—Monako: 0–1** (Ben Segir 73), **Le Hawr—Tuluza: 1–0** (Operi 60), **Lill—Renn: 2–2** (Dewid 84, 90+2 — Blýas 1, Kalimuendo 20), **Marsel—Nant: 2–0** (Obameýang 17, 79)

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 25 | 16 | 8 | 1 | 56-21 | 56 |
| 2 | BREST | 25 | 13 | 7 | 5 | 35-19 | 46 |
| 3 | MONAKO | 25 | 13 | 6 | 6 | 45-34 | 45 |
| 4 | LILL | 25 | 11 | 9 | 5 | 36-22 | 42 |
| 5 | LANS | 25 | 12 | 6 | 7 | 34-24 | 42 |
| 6 | NISSA | 25 | 11 | 7 | 7 | 24-19 | 40 |
| 7 | MARSEL | 25 | 10 | 9 | 6 | 40-26 | 39 |
| 8 | RENN | 25 | 9 | 9 | 7 | 38-31 | 36 |
| 9 | REÝMS | 25 | 10 | 5 | 10 | 32-34 | 35 |
| 10 | LION | 25 | 9 | 4 | 12 | 27-38 | 31 |
| 11 | TULUZA | 25 | 7 | 8 | 10 | 27-33 | 29 |
| 12 | LE HAWR | 25 | 6 | 9 | 10 | 25-31 | 27 |
| 13 | MONPELIE | 25 | 6 | 9 | 10 | 29-34 | 26 |
| 14 | STRASBUR | 25 | 6 | 8 | 11 | 25-38 | 26 |
| 15 | LORIÝAN | 25 | 6 | 7 | 12 | 33-47 | 25 |
| 16 | NANT | 25 | 7 | 4 | 14 | 23-38 | 25 |
| 17 | METS | 25 | 6 | 5 | 14 | 22-37 | 23 |
| 18 | KLERMON | 25 | 3 | 8 | 14 | 17-42 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 21 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 14 |
| 3 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 12 |
| 4 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 12 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |

# «Premier Ligada» çempionlyk ugrunda ýiti göreş

**Angliýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda — «Liwerpul» bilen «Mançester Sitiniň» arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde gutaryp, ilkinji bolup hasaby açan «Sitiniň»



goluny 23-nji minutda Stounz derweзä girizdi. Oýnuň 50-nji minutynda-da «Liwerpul» Mak Allisteriň penalti goly bilen hasaby deňledi. Bu deňlikden soň «Brentfordy» 2–1 hasabynda ýeňen «Arsenal» 1-nji orna beýgeldi. 4-nji orun üçin göreşýän 2 toparyň duşuşygynda «Tottenham» myhmançylykda ýyldyzlarynyň gollary bilen «Aston Willany» 4–0 hasabynda utdy. «Mançester Ýunaýted» «Ewertony» 2–0, «Çelsi» «Nýukasly» 3–2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

**7 aýdan soň ýeňiş gazandy**

● **Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madrid» öz meýdançasynda «Seltanyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollaryň 2-si awtogol bolup, beýlekileri Winisius Junior



bilen oýnuň ahyrlarynda onuň ornuna giren Arda Güler geçirdi. Bu ýeňlişden soň «Seltanyň» tälimçisi Rafael Benites wezipesinden boşadyldy. 2-nji ýerdäki «Žirona» öz meýdançasynda «Osasunany» Portu hem-de Sawionyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. «Barselona» Ilkaý Gündoganyň penaltini salyp bilmedik oýnunda Ýamalyň ýeke-täk goly bilen «Malýorkadan» 1–0 hasabynda üstün çykdy. Huanminiň 24-nji hem-de 64-nji minutlarda geçiren gollary bilen «Atletikony» 2–0 hasabynda utan «Kadiz» topary çempionatda 7 aýdan soň, ýagny 23 duşuşykdan soň ilkinji ýeňşini gazandy.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Bolonýany» Bissekiň 37-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utdy. 2-nji ýerdäki «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Atalanta» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Pulişiçiň ýeke-täk goly bilen «Empolini» ýeňen «Milan» 2-nji orna beýgeldi. Soňky çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Torino» bilen utuklary paýlaşyp, oýunda Kwarasheliýanyň goluna Sanabriýa jogap berdi. «Roma» bolsa myhmançylykda «Fiorentina» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Rimliler 90+5-nji minutda Llorenteniň goly esasynda ýeňlişden halas boldy. «Udinezeden» öz meýdançasynda 2–1 utulan «Lasionyň» tälimçisi Maurizio Sarri wezipesini taşlady.

**Fransiýanyň çempionatynda** basyr 3-nji duşuşygynda deňme-deň oýnan PSŽ utuk ýitirmegini dowam edýär. Öz meýdançasynda «Reýms» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnan PSŽ beýleki klublaryň hem utuk ýitirmegi sebäpli aratapawudy saklap gelýär. Tälimçisini çalşanyndan soň özüni dürsän «Marsel» öz meýdançasynda «Nanty» Obameýangyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.




| Milady ýylynyň aýy | Hijri-kamary ýylynyň aýy | Hepdäniň güni | Agyz bekleniýän wagty | Ertir namazy | Günüň dogýan wagty | Öýle namazy | Ikindi namazy | Agzaçar wagty we agşam namazy | Ýassy we tarawa namazy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Martyň 11 | Orazaň 1 | Duşenbe | 05:33 | 06:13 | 07:23 | 13:30 | 17:42 | 19:22 | 20:43 |
| Martyň 12 | Orazaň 2 | Sişenbe | 05:32 | 06:12 | 07:22 | 13:30 | 17:43 | 19:23 | 20:43 |
| Martyň 13 | Orazaň 3 | Çarşenbe | 05:30 | 06:10 | 07:20 | 13:30 | 17:44 | 19:24 | 20:44 |
| Martyň 14 | Orazaň 4 | Penşenbe | 05:28 | 06:08 | 07:18 | 13:30 | 17:45 | 19:25 | 20:45 |
| Martyň 15 | Orazaň 5 | Anna | 05:26 | 06:06 | 07:16 | 13:30 | 17:46 | 19:26 | 20:46 |
| Martyň 16 | Orazaň 6 | Şenbe | 05:25 | 06:05 | 07:15 | 13:30 | 17:47 | 19:27 | 20:47 |
| Martyň 17 | Orazaň 7 | Ýekşenbe | 05:24 | 06:04 | 07:14 | 13:30 | 17:48 | 19:28 | 20:48 |
| Martyň 18 | Orazaň 8 | Duşenbe | 05:22 | 06:02 | 07:12 | 13:30 | 17:49 | 19:29 | 20:49 |
| Martyň 19 | Orazaň 9 | Sişenbe | 05:20 | 06:00 | 07:10 | 13:30 | 17:50 | 19:30 | 20:50 |
| Martyň 20 | Orazaň 10 | Çarşenbe | 05:19 | 05:59 | 07:09 | 13:30 | 17:51 | 19:31 | 20:51 |
| Martyň 21 | Orazaň 11 | Penşenbe | 05:18 | 05:58 | 07:08 | 13:30 | 17:52 | 19:32 | 20:52 |
| Martyň 22 | Orazaň 12 | Anna | 05:16 | 05:56 | 07:06 | 13:30 | 17:53 | 19:33 | 20:53 |
| Martyň 23 | Orazaň 13 | Şenbe | 05:14 | 05:54 | 07:04 | 13:30 | 17:54 | 19:34 | 20:54 |
| Martyň 24 | Orazaň 14 | Ýekşenbe | 05:13 | 05:53 | 07:03 | 13:30 | 17:55 | 19:35 | 20:55 |
| Martyň 25 | Orazaň 15 | Duşenbe | 05:11 | 05:51 | 07:01 | 13:30 | 17:56 | 19:36 | 20:56 |
| Martyň 26 | Orazaň 16 | Sişenbe | 05:10 | 05:50 | 07:00 | 13:30 | 17:57 | 19:37 | 20:57 |
| Martyň 27 | Orazaň 17 | Çarşenbe | 05:09 | 05:49 | 06:59 | 13:30 | 17:57 | 19:37 | 20:57 |
| Martyň 28 | Orazaň 18 | Penşenbe | 05:07 | 05:47 | 06:57 | 13:30 | 17:58 | 19:38 | 20:58 |
| Martyň 29 | Orazaň 19 | Anna | 05:05 | 05:45 | 06:55 | 13:30 | 17:59 | 19:39 | 20:59 |
| Martyň 30 | Orazaň 20 | Şenbe | 05:03 | 05:43 | 06:53 | 13:30 | 18:00 | 19:40 | 21:00 |
| Martyň 31 | Orazaň 21 | Ýekşenbe | 05:02 | 05:42 | 06:52 | 13:30 | 18:01 | 19:41 | 21:01 |
| Apreliň 1 | Orazaň 22 | Duşenbe | 05:01 | 05:41 | 06:51 | 13:30 | 18:02 | 19:42 | 21:02 |
| Apreliň 2 | Orazaň 23 | Sişenbe | 04:59 | 05:39 | 06:49 | 13:30 | 18:03 | 19:43 | 21:03 |
| Apreliň 3 | Orazaň 24 | Çarşenbe | 04:58 | 05:38 | 06:48 | 13:30 | 18:04 | 19:44 | 21:04 |
| Apreliň 4 | Orazaň 25 | Penşenbe | 04:56 | 05:36 | 06:46 | 13:30 | 18:05 | 19:45 | 21:05 |
| Apreliň 5 | Orazaň 26 | Anna | 04:55 | 05:35 | 06:45 | 13:30 | 18:06 | 19:46 | 21:06 |
| GADYR GIJESI | | | | | | | | | |
| Apreliň 6 | Orazaň 27 | Şenbe | 04:53 | 05:33 | 06:43 | 13:30 | 18:07 | 19:47 | 21:07 |
| Apreliň 7 | Orazaň 28 | Ýekşenbe | 04:52 | 05:32 | 06:42 | 13:30 | 18:08 | 19:48 | 21:08 |
| Apreliň 8 | Orazaň 29 | Duşenbe | 04:50 | 05:30 | 06:40 | 13:30 | 18:09 | 19:49 | 21:09 |
| Apreliň 9 | Orazaň 30 | Sişenbe | 04:49 | 05:29 | 06:39 | 13:30 | 18:10 | 19:50 | 21:10 |
| Apreliň 10 | Baýramyň 1 | Çarşenbe | BAÝRAM NAMAZY [illegible] 07:20 | | | | | | |





# ÇÄRÝEK FINALÇYLAR BELLI BOLDY

**UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finala çykan klublaryň ählisi hem belli boldy. 1/8 finalyň galan 4 duşuşygynyň jogap oýunlary geçirilip, ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi. Çärýek finalda ispanlaryň 3 kluby çykyş etse, italýanlaryň ýeke toparyna hem iň gowy 8 klubuň hataryna goşulmak başartmady.**







### «Barselona» 20-nji gezek çärýek finala çykdy

● «Barselona» öz meýdançasynda «Napolini» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Deňlikde (1–1) tamamlanan 1-nji duşuşygyň jogap oýnunda «Barselona» toparyna ýeňiş getiren gollary 15-nji minutda Fermin Lopes, 17-nji minutda Žoao Kanselo hem-de 83-nji minutda Robert Lewandowski geçirdi. «Napoli» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 30-njy minutda Amir Rrahmani öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Barselona» 2020-nji ýyldan soň çärýek finala çykdy. «Barselona» UEFA Çempionlar Ligasynda (1992-nji ýyldan bäri) 20-nji gezek çärýek finalda oýnar.

### 14 ýyldan soň ilkinji gezek çärýek finalda oýnar

● UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň jogap duşuşygynyň çäginde «Arsenal» öz meýdançasynda «Porto» bilen duşuşdy. 1-nji duşuşykda 1–0 hasabynda asgyn gelen londonlylar öz meýdançasynda garşydaşyny oýundan soňky



penalti urgularynyň netijesinde ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşygyň esasy wagtyndaky ýeke-täk goly Edegoryň owadan pasyndan soň 41-nji minutda Leandro Trossar geçirdi. Galan minutlarda hem-de goşmaça wagtda hasap üýtgemedi. Oýundan soň penaltileri birkemsiz ýerine ýetiren «Arsenal» 4–2 hasabynda ýeňiş gazanyp, 14 ýyldan soň ilkinji gezek çärýek finala çykdy. «Arsenal» topary 7-nji gezek çärýek finala çykyp, topçular soňky sapar 2010-njy ýylda iň gowy 8 toparyň arasyna goşulypdy.

Dortmundda ýerli «Borussiýa» topary Niderlandlaryň PSW toparyny kabul etdi. Eýndhowende 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşygyň jogap oýnunda nemes kluby ýeňiş gazanmagy başardy. Jeýdon Sançonyň 3-nji, Marko Roýsuň 90+5-nji minutda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Borussiýa Dortmund» 3 ýyldan soň, 9-njy gezek çärýek finala çykdy. PSW bolsa 17 ýyldan soň 3-nji gezek çärýek finala çykmak mümkinçiligini elden giderdi.

### Wise-çempion öýüne dolandy

● Tapgyryň iň köp üns merkezdäki duşuşygy Madridde «Atletiko» bilen wise-çempion «Interiň» arasynda geçirildi. 1-nji oýunda «Inter» 1–0 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Olar jogap duşuşygyna-da şowly girişdiler. Federiko Dimarkonyň 33-nji minutdaky goly bilen hasaby açan «Interiň» bu üstünligi uzak dowam etmedi. 35-nji minutda Antuan Grizmann hasaby deňledi. Oýunuň tamamlanmagyna 3 minut galanda-da, has takygy, 87-nji minutda Memfis Depaý tapawutlanyp, umumylykda 2 oýnuň netijesi boýunça hasaby deňlemegi başardy. Duşuşyga goşmaça 30 minut berildi we ýeňijini kesgitlemek penaltilere galdy. Penaltilerde-de «Atletiko Madrid» 3–2 hasabynda ýeňiş gazanyp, 2 ýyldan soň 8-nji sapar çärýek finalda oýnamaga hukuk gazandy. Geçen ýylyň finalçysy «Inter» şu ýyla geçip, ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

### «Atletiko Madrid» ilkinji topar

● Şunlukda, «Atletiko Madrid» UEFA Çempionlar Ligasynda (1992-nji ýyldan bäri) oýundan soňky penalti urgularynda 3-nji sapar ýeňiş gazanan ilkinji topar hökmünde hasaba alyndy. Madrid şäheriniň wekiliniň ykbalyny 4 gezek penalti urgulary kesgitläp, 2014/15 möwsüminde 1/8 finalda «Baýeri» (1–0, 0–1, 3–2 p), 2015/16 möwsüminiň 1/8 finalynda-da PSW-ni (0–0, 0–0, 8–7 p) ýaryşdan çykarypdy. Olar diňe 2015/16 möwsüminiň finalynda penaltileriň netijesinde kubogy «Real Madride» aldyrypdy.

### Ýeke italýan kluby hem galmady

● UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finala çykan 8 klubuň 3-si Ispaniýadan bolup, olaryň 2-si italýan klublaryny ýaryşdan çykardy. Şeýle-de iňlisleriň hem-de nemesleriň 2, fransuzlaryň bolsa 1 kluby ýaryşy dowam etdirer. Geçen möwsümde çärýek finala 3 kluby çykan italýanlaryň bu ýyl ýeke topary hem galmady. Çärýek finalda soňky 4 ýylda 3-nji gezek italýan klublary çykyş etmez.

### Çärýek finalyň bijeleri şu gün çekiler

● Çärýek hem-de ýarym finalyň bijeleri 15-nji martda, ýagny şu gün çekiler. Çärýek finalyň duşuşyklary 9-10-njy hem-de 16-17-nji aprelde, ýarym finalyň duşuşyklary-da 30-njy aprel we 1-nji maýda hem-de 7-8-nji maýda geçiriler. Final duşuşygy bolsa 1-nji iýunda Londondaky meşhur «Wembley» stadionynda oýnalar.




# «Atletik Bilbao» 40 ýyllyk arzuwyna ýetmegiň bosagasynda dur

Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» diňe 3 klub aşaky liga düşmedi. Ilkinji ikisini çaklamak kyn däl — «Real Madrid» bilen «Barselona». 3-nji klub üçin dalaşgär köp bolup, «Atletiko Madrid» bilen «Walensiýa» ýadyňa ilkinji düşýän toparlardyr. Ýöne bu iki klub hem däl. «La Ligada» aşaky liga düşmedik 3-nji klub «Atletik Bilbao» toparydyr. Bask regionynyň resmi däl milli topary hökmünde görülýän klubda diňe Bask sebitinde dünýä inenler çykyş edip bilýär. Aslynda bu barada klubuň resmi taýdan ýazylan düzgüni ýok. Ýöne öňden galan ýörelge boýunça bu ýagdaý häzirem dowam edýär. Ýagny klubda daşary ýurtly futbolçylar, hatda Ispaniýanyň başga sebitinde dünýä inen oýunçylar hem çykyş edip bilmeýär. Asly daşary ýurtly bolubam Bask sebitinde dünýä inen futbolçylara bolsa oýnamaga ygtyýar berilýär. Edil Ispaniýanyň Şa Kubogy bäsleşiginiň ýarym finalynda «Atletiko Madridi» ýaryşdan çykaran doganlar Iniaki we Niko Williamslar ýaly.



Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» futbolyň merkezinde 2 şäher bar – Madrid hem-de Barselona. Çempionlyk 2 toparyň arasynda çalşyp durýar. Seýrek hem bolsa ara Madridiň beýleki topary «Atletiko» kluby hem girýär. Çempionatda «Real Madrid» hem-de «Barselonadan» soň iň köp çempionlyk gazanan klub Bilbao şäheriniň «Atletik» toparydyr. 8 gezek «La Ligany» çür depede tamamlan klubuň soňky çempionlygynyň üstünden 40 ýyl geçdi. 1983/84 möwsüminde gazanylan «La Liga» çempionlygynyň üstüni Şa Kubogynyň ýeňşi bilen hem ýetiren «Atletik Bilbao» şol möwsümde ýurduň Super Kubogyny hem gazanypdy. Şondan soň bolsa «gyş ukysyna giden» «Atletik Bilbao» topary «La Ligada» hem-de Şa Kubogynda çempionlygy ýatdan çykardy. Topar taryhynda 1983/84 möwsüminde 3 kubogy birden gazanypdy. Şondan soň topar Ispaniýanyň Super Kubogyny 2 gezek gazanmagy başarýar. Şa Kubogynyň finalçysy hökmünde gatnaşan topar Super Kubogy duşuşyklarynda 2015-nji hem-de 2021-nji ýyllarda ýeňiji bolýar.

1912-nji ýylda esaslandyrylan klubuň 112 ýyllyk taryhynda esasy ünsi çekýän tarapy başda-da bellenilişi ýaly, toparda diňe Bask sebitinde dünýä inen futbolçylaryň çykyş edýändigidir. Bu ýagdaý klubuň hem güýçli, hem-de gowşak tarapyny emele getirýär. Güýçli tarapy, klubdan zyýada milli topar derejesinde görülmegi, gowşak tarapy bolsa ýyldyz futbolçylaryň klubda oýnap bilmeýändigidir.

«Atletik Bilbao» topary Ispaniýanyň Şa Kubogyny iň köp gazanan 2-nji klub bolup, basklylar 23 gezek kubogy eýeleýär. Bilbaolylar bu ugurda 31 gezek kubogy gazanan «Barselonadan» yza galýar, 20 kubokly «Real Madridden» öňe saýlanýar. «Atletik Bilbao» topary şol 23 kubogy 1903—1984-nji ýyllar aralygynda gazanýar. Umumylykda 39 gezek finala çykan «Atletik Bilbao» toparyna 40 ýyldan bäri Ispaniýanyň Şa Kubogyny gazanmak başardanok. Olar «Barselonadyr» «Real Madridden» soň iň köp finala çykan topardyr. «Atletik Bilbao» 16 gezek finalda utulyp, şolaryň 6-sy 1984-nji ýyldan soň bellige alynýar. Ýagny «Atletik Bilbao» topary kubogy soňky gezek alanyndan soň 6 sapar finalda ýeňilýär.

Başgaça aýdylanda, «Atletik Bilbao» topary hem-de onuň janköýerleri, tutuş şäher, hatda tutuş Bask sebiti şol 40 ýyllyk arzuwyna şu gezek ýetip biler. Häzirki wagtda çempionatda 28-nji tapgyr tamamlanyp, sanawyň başyny «Real Madrid» çekip gelýär. 2-nji ýerdäki «Žirona» bilen 3-nji orundaky «Barselonanyň» hem çempionlyk gazanmak mümkinçilikleri bar. Ýöne 5-nji ýerdäki «Atletik Bilbaonyň» matematik görkezmeler boýunça çempion bolmak mümkinçiligi bar hem bolsa, klubuň çempion bolmagyna garaşylanok. 4-nji ýerdäki «Atletiko Madrid» bilen Çempionlar Ligasyna gatnaşmak üçin ýiti göreş alyp barýan klubuň çempionlyk gazanmak mümkinçiligi ýok hem bolsa, topar başga bir 40 ýyllyk arzuwyny diňdirmegiň bosagasynda dur. Ispaniýanyň Şa Kubogynda ýarym finalda «Atletiko Madridi» 2







ýerde-de ýeňip (1–0, 3–0), finala çykan bilbaolylaryň öňlerindäki ýeke-täk päsgelçilik «Malýorka» toparydyr. Çempionatdaky ýagdaýlaryna, umumylykda toparyň düzümine seredenimizde, «Atletik Bilbao» finalyň esasy faworiti hasaplanýar.

«Malýorka» bolsa taryhynda 4-nji gezek Şa Kubogynyň finalyna çykdy. 1991-nji we 1998-nji ýyllarda degişlilikde, «Atletiko» hem-de «Barselonadan» asgyn gelen «Malýorka» 21 ýyl ozalky finalda «Rekreatiwony» 3–0 ýeňip, taryhyndaky iň uly başarnyklaryň birini gazanypdylar. Ýagny olar üçin hem şu ýylky Şa Kubogynyň finalynyň ähmiýeti uly bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, «Malýorka» ýarym finalda «Real Sosiedady» 0–0 we 1–1 hasaplar bilen deňlikde tamamlanan 2 duşuşykdan soň, penaltileriň netijesinde ýeňlişe sezewar edipdi.

40-njy gezek finala çykyp, 40 ýyldan soň kuboga ymtylýan «Atletik Bilbao» bilen 4-nji sapar finala adyny ýazdyran «Malýorkanyň» arasyndaky bu aýgytlaýjy duşuşyk 6-njy aprelde Sewilýa şäherindäki «La Kartuha» stadionynda oýnalar.